TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ HALKARA GATNAŞYKLARDA BITARAPLYK WE «AÇYK GAPYLAR» SYÝASATYNA DAÝANÝAN, DAŞARY SYÝASAT STRATEGIÝASYNYŇ ESASYNY DÜZÝÄN BINÝATLYK ÝÖRELGELERDEN UGUR ALÝARYS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
13-nji ýanwar, 2023. Belgisi 2/1516



# DÖWLETARA GATNAŞYKLARYŇ GERIMI GIŇELDILÝÄR

**11-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçileri kabul etdi.**

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Italiýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Luiji Ferrarini kabul etdi. Diplomat wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy we Prezident Serjio Mattarellanyň mähirli salamyny hem-de ähli türkmen halkyna bagt, abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi. Bellenilişi ýaly, okgunly ösýän, oňyn özgertmeler ýoly bilen ynamly öňe barýan Türkmenistan bilen uzak möhletleýin hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegi Italiýanyň daşary syýasat strategiýasyna hem-de tutuş Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň bähbitlerine doly laýyk gelýär.

Hormatly Prezidentimiz dostlukly ýurduň doly ygtyýarly wekilini bu jogapkärli diplomatik wezipä bellenilmegi bilen gutlap, oňa işinde üstünlikleri arzuw etdi hem-de Italiýa Respublikasynyň Prezidentine iň gowy arzuwlaryny aýtdy, Türkmenistanyň deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak, özara bähbitlilik esasynda guralýan dostlukly gatnaşyklary we döwletara hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn pugtalandyrmaga gyzyklanma bildirýändigini nygtady.

Nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda türkmen-italýan gatnaşyklary ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda, ilkinji nobatda, abraýly halkara guramalaryň, düzümleriň çäklerinde üstünlikli ösdürilýär. Muňa durnukly ösüşiň, ählumumy howpsuzlygyň üpjün edilmegine gönükdirilen halkara başlangyçlardyr teklipleriň özara goldanylýandygy hem şaýatlyk edýär.

Duşuşygyň çäklerinde gyzyklanma bildirilen pikir alyşmalaryň barşynda Italiýanyň indi köp ýyllaryň dowamynda Ýewropa giňişliginde Türkmenistanyň möhüm söwda hyzmatdaşy bolup durýandygy bellenildi. Netijeliligi bilen tapawutlanýan bu gatnaşyklaryň giňeldilmegine ykdysadyýetiň hususy bölegi uly goşant goşýar. Türkmenistanda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady ösüşiň giň gerimli maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýan italýan kompaniýalarynyň köp ýyllaryň dowamynda alyp barýan işleri munuň aýdyň subutnamasydyr.

* * *

Hormatly Prezidentimiz Katar Döwletiniň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Hamad bin Raşid bin Hamad Al Azbini kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

Diplomat döwlet Baştutanymyza wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, Katar Döwletiniň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al Taniniň mähirli salamyny hem-de türkmen halkyna abadançylyk, rowaçlyk baradaky hoşniýetli arzuwlaryny ýetirdi. Şunda katar tarapynyň parahatçylyk söýüjilik, oňyn Bitaraplyk, «Açyk gapylar» syýasatyny alyp barýan we Merkezi Aziýa sebitinde hem-de halkara giňişlikde uly abraýdan peýdalanýan Türkmenistan bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegine uly gyzyklanma bildirýändigi bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, dostlukly ýurduň doly ygtyýarly wekilini ýokary diplomatik wezipä bellenilmegi bilen gutlap, Katar Döwletiniň Baştutanyna iň gowy arzuwlaryny aýtdy we ýurdumyzyň däp bolan ikitaraplaýyn gatnaşyklary hemmetaraplaýyn pugtalandyrmaga, ony has-da ýokary derejä çykarmaga we täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmaga gyzyklanma bildirýändigini belledi. Hormatly Prezidentimiz iki ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan wagtyndan bäri geçen ýyllaryň içinde özara hormat goýmak, ynanyşmak we açyklyk ýörelgeleri esasynda gatnaşyklaryň üstünlikli ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi. Ýokary derejede gazanylan ylalaşyklar türkmen-katar hyzmatdaşlygyny hil taýdan täze derejä çykarmagyň ygtybarly binýadyny emele getirdi.

Döwlet Baştutanymyz we diplomat özara gyzyklanma bildirilýän halkara syýasatyň möhüm meselelerine degip geçmek bilen, parahatçylygyň, howpsuzlygyň hem-de ählumumy durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilen möhüm başlangyçlaryň we teklipleriň özara goldanylmagynyň ähmiýetini nygtadylar. Ýangyç-energetika toplumy, söwda, maýa goýumlar, ulag we aragatnaşyk, himiýa, dokma senagaty, oba hojalyk pudagy, saglygy goraýyş hem-de ýokary tehnologiýalar ulgamlary hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda kesgitlenildi. Duşuşygyň dowamynda döwletara gatnaşyklaryň wajyp ugry hasaplanýan medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy ösdürmegiň möhümdigi nygtaldy.

* * *

Hormatly Prezidentimiz Gyrgyz Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Azizbek Madmarowy kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

Ilçi hormatly Prezidentimize wagt tapyp kabul edendigi hem-de hyzmatdaşlygyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň mähirli salamyny we türkmen halkyna rowaçlyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi. Diplomat Gyrgyz Respublikasy bilen dost-doganlyk gatnaşyklary baglanyşdyrýan Türkmenistanda öz ýurduna wekilçilik etmegiň uly hormatdygyny belledi. Häzirki döwürde ikitaraplaýyn gatnaşyklar täze mazmun bilen baýlaşdyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz Gyrgyz Respublikasynyň Prezidentine özüniň hoşniýetli arzuwlaryny beýan edip, ilçini jogapkärli diplomatik wezipä bellenilmegi bilen gutlady we türkmen-gyrgyz gatnaşyklaryny mundan beýläk-de pugtalandyrmak işinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda döwlet Baştutanymyz we diplomat hyzmatdaşlygyň köpugurly mümkinçiliklerini nazara alyp, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň geljekki ugurlary boýunça pikir alyşdylar. Bellenilişi ýaly, söwda-ykdysady ulgamda, üstaşyr-ulag düzümlerinde, energetika, oba hojalygy ýaly pudaklarda, maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmekde, ylym we bilim, medeniýet, sport, syýahatçylyk ugurlarynda iki dostlukly halklaryň abadançylygyna gönükdirilen hyzmatdaşlyk netijeli häsiýete eýedir. Iki döwletiň Daşary işler ministrlikleriniň derejesindäki yzygiderli gatnaşyklar syýasy-diplomatik hyzmatdaşlygyň ösdürilmegini şertlendirýär.

Özara bähbitli söwda-ykdysady gatnaşyklary uzak möhletleýin esasda ösdürmek üçin bar bolan mümkinçilikleri durmuşa geçirmekde dürli pudaklarda, şol sanda işewürlik düzümleriniň ugry boýunça netijeli gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine ýardam berýän Söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we ynsanperwer hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara topara uly orun degişlidir. Şunuň bilen birlikde medeni-ynsanperwer ulgamdaky özara gatnaşyklary mundan beýläk-de çuňlaşdyrmagyň ähmiýeti bellenildi.



## TÜRKMEN-HYTAÝ GATNAŞYKLARYNDA TÄZE DÖWÜR

**Hormatly Prezidentimiziň Hytaý Halk Respublikasyna amala aşyran ilkinji döwlet sapary örän netijeliligi bilen tapawutlanyp, şol bir wagtda möhüm seneleri hem öz içine aldy. Bu ilkinji döwlet saparynyň Türkmenistan bilen Hytaýyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýlan senesinde amala aşyrylmagy hem özboluşlylygy bilen tapawutlandy.**

**Mälim bolşy ýaly, Hytaý Halk Respublikasy ýurdumyzyň strategik hyzmatdaşydyr. 2013-nji ýylda iki ýurduň arasyndaky döwletara gatnaşyklaryna strategik häsiýet berildi we bu ugurda möhüm resminama gol çekildi. Umuman, Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygyny gazanan ilkinji günlerinden bäri Hytaý Halk Respublikasy bilen netijeli döwletara gatnaşyklaryny ýola goýdy.** ● 3

## ÝAŞLAR – WATANYMYZYŇ BUÝSANJY



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe toýlarymyz toýa, üstünliklerimiz üstünliklere utgaşýar. Arkadagly Serdarymyzyň alyp barýan beýik işleriniň ählisinde türkmen halkynyň geljegi hakyndaky alada durandyr. Bu günki günde ähli ulgamlarda amal edilen işler asyrlara barabardyr. Dünýä döwletleri bilen ykdysady gatnaşyklary ýola goýmak, ylym-bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, hukuk we kanunçylyk ulgamlarynda, durmuş üpjünçiliginde ýetilen sepgitler bimöçberdir. Bularyň ählisi türkmen jemgyýetiniň kämilliginiň, halkymyzyň agzybirliginiň subutnamasydyr. ● 3

# HALK HÄKIMIÝETI DABARALANÝAR

*11-nji ýanwarda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyzdaky Maslahatlar merkeziniň binasynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň bilelikdäki maslahatyny geçirdi. Onda milli parlamentiň öňünde durýan wezipelere garaldy hem-de Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz türkmen döwletiniň ösüşiniň nobatdaky tapgyrynda kanun çykaryjylyk işini mundan beýläk-de döwrüň talabyna laýyk derejede kämilleşdirmek bilen baglanyşykly wajyp wezipeler kesgitlenildi.*

Ýurdumyzyň içeri hem-de daşary syýasatyny wagyz etmekde, jemgyýetiň demokratik esaslaryny, halkymyzyň agzybirligini pugtalandyrmakda milli parlamentiň wekillerine, olaryň alyp barýan işlerine möhüm orun degişli bolup durýar. Häzirki döwürde Halk Maslahatynyň agzalary, Mejlisiň deputatlary syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri bilen bilelikde öňde durýan wezipeleriň amal edilmegine mynasyp goşant goşýarlar.

Hormatly Arkadagymyz maslahatyň gün tertibini yglan edip, häzirki döwrüň ösüşiň zamanasydygyny, durmuşyň bir ýerde durmaýandygyny, yzygiderli ösüp-özgerip barýandygyny belläp, onuň täze kadalardyr ýörelgeler bilen baýlaşýandygyna we öňki garaýyşlaryň üýtgäp, başga many-mazmuna eýe bolýandygyna ünsi çekdi. Şoňa laýyklykda, jemgyýetiň esas goýujy hukuk binýady hem hemişe kämilleşdirilip durulýar. Şeýdip onuň milli aýratynlyklara, döwletiň ösüş derejesine, halkyň islegine laýyk gelýän kämil görnüşi emele gelýär.

Ata Watanymyzyň Garaşsyzlygyny alan gününden bäri ýurdumyzda döwlet häkimiýet edaralarynyň ulgamynyň döwre görä yzygiderli kämilleşdirilýändigini belläp, Gahryman Arkadagymyz bu işleriň şöhratly ata-babalarymyzyň döwleti berkarar etmekde hem-de dolandyrmakda toplan baý tejribesiniň, öňdebaryjy dünýä döwletleriniň şu ugurda gazanan üstünlikleriniň göz öňünde tutulyp amala aşyrylýandygyny aýtdy. Bu bolsa adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny, şol sanda raýatlaryň döwleti we jemgyýeti dolandyrmaga gatnaşmaga bolan hukugyny kepillendirmäge mümkinçilik berýär. Jemgyýetde asudalygy hem-de agzybirligi üpjün etmäge, halk häkimiýetiniň, demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň esaslaryny berkitmäge, hemmetaraplaýyn ösmegini üpjün etmäge oňaýly şertleri döredýär diýip, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy sözüni dowam etdi.

Size mälim bolşy ýaly, biz mundan iki ýyl ozal döwlet häkimiýet edaralarynyň ulgamyny kämilleşdirmegiň çäklerinde ýurdumyzda kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan parlamenti iki palatadan, ýagny Halk Maslahatyndan we Mejlisden ybarat bolan Türkmenistanyň Milli Geňeşine öwürdik. Häzirki döwürde olar öz wezipelerini üstünlikli amala aşyrýar diýip, hormatly Arkadagymyz belledi. Häzirki döwrüň ösüp-özgerip barýandygyny nazara alanyňda, ýurdumyzyň kanun çykaryjy häkimiýet edarasynyň gurluşyny yzygiderli kämilleşdirmegiň zerurlygynyň ýüze çykýandygyny belläp, Gahryman Arkadagymyz döwrüň şu talaplaryndan ugur alynmagynyň wajypdygyna ünsi çekdi.

Şoňa görä-de, halkymyzyň köpasyrlyk taryhynda döwlet gurluşy babatda toplan tejribesini



hemmetaraplaýyn nazara alyp, ata-babalarymyzyň ygtyýarly jemgyýetçilik wekilleri bilen ählihalk maslahatlaryny geçirip, iň wajyp syýasy, ykdysady, harby meseleleri çözmek baradaky asylly däplerinden ugur alyp, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasyny, ýagny Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmek baradaky teklibi öňe sürdi.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň döredilmegi we oňa giň ygtyýarlyklaryň, şol sanda Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, konstitusion kanunlary kabul etmegiň, olara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmegiň meseleleri boýunça tekliplere garamaga hem-de makullamaga ygtyýarlygyň berilmegi bilen, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň işi bes edilýär diýip, hormatly Arkadagymyz aýtdy. Şeýlelikde, ýurdumyzda kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan Türkmenistanyň Milli Geňeşi (parlament) bir palatadan ybarat bolan Türkmenistanyň Mejlisine öwrülse maksadalaýyk bolar.

Täzeden dörediljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine:

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy;
Türkmenistanyň Prezidenti;
Mejlisiň Başlygy;
Ýokary kazyýetiň başlygy;
Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary;
Mejlisiň deputatlary;
Ministrler Kabinetiniň agzalary;
Adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekil – Adalatçy;
Baş prokuror;
adalat ministri;
welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimleri;
welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň halk maslahatlarynyň başlyklary;
etraplaryň edara ediş merkezleri bolup durýan şäherleriň hem-de şäherçeleriň arçynlary;
syýasy partiýalaryň, kärdeşler arkalaşyklarynyň we beýleki jemgyýetçilik birleşikleriniň ýolbaşçylary;
welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlary tarapyndan teklip edilýän jemgyýetçiligiň, şol sanda ýaşulularyň wekilleri girizilse, dogry bolar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ygtyýarlygyna:

1) ýurdumyzyň Konstitusiýasyny we konstitusion kanunlaryny kabul etmegiň, olara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmegiň meseleleri boýunça tekliplere garamak hem-de makullamak; ● 2

**Ýewropada 2023-nji ýylyň medeni paýtagtlary**
Gresiýanyň Elefsis, Rumyniýanyň Timişoara we Wengriýanyň Wesprem şäherleri 2023-nji ýylyň medeni paýtagtlary diýlip yglan edildi. 4

**Bütindünýä gar baýramçylygy**
Her ýylyň ýanwar aýynyň üçünji ýekşenbesinde Bütindünýä gar güni bellenilýär. Garyň ýagmagy bilen dürli oýunlar oýnalýar, gyşky sport görnüşleri bilen meşgullanylýar. 5

**«Mançester Siti», «Milan» ýaryşdan çykdy**
Angliýanyň Liga Kubogynyň (EFL Cup) çärýek final oýunlary oýnalyp, ýarym finala çykan toparlar belli boldy. 7

**80-nji «Altyn globus» baýraklarynyň ýeňijileri**
Kino sungatynyň iň abraýly baýraklaryndan, Oskaryň buşlukçysy hasaplanýan «Altyn globus» baýraklary öz mynasyplaryna gowşuryldy. 8

# HALK HÄKIMIÝETI DABARALANÝAR



Başlangyjy 1-nji sahypada.

2) döwletimiziň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryna, ýurdumyzy syýasy, ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryna seretmek hem-de makullamak;

3) Türkmenistanyň Prezidentiniň her ýylky Ýüzlenmesini diňlemek;

4) parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerine seretmek;

5) Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan gaýry ygtyýarlyklary amala aşyrmak degişli edilip bilner.

Halk Maslahatynyň, onuň wezipeli adamlarynyň hem-de agzalarynyň işini guramaçylyk we tehniki taýdan üpjün etmegi Halk Maslahatynyň Diwany amala aşyrar. Şeýle hem Halk Maslahatynyň Diwanynyň üstüne welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlarynyň işine guramaçylyk-usulyýet taýdan ýolbaşçylyk etmek wezipesi ýüklense, ýerli halk maslahatlarynyň has netijeli işlemegi üçin amatly bolardy diýip, hormatly Arkadagymyz belledi.

Halk Maslahatynyň mejlisleri zerurlyga görä, ýöne ýylda azyndan bir gezek onuň Başlygy tarapyndan ýa-da Halk Maslahatynyň agzalarynyň umumy sanynyň üçden bir böleginiň teklibi boýunça çagyrylýar. Bu barada aýtmak bilen, hormatly Arkadagymyz öňe sürlen teklipler barada maslahata gatnaşýanlaryň pikirleriniň diňlenilmeginiň wajypdygyna ünsi çekdi.

Maslahatda ilki bilen Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Ýerli wekilçilikli häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen işlemek baradaky komitetiniň agzasy T.Öwezowa söz berildi. Ol çykyşynda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan asylly döwletlilik ýörelgelerini gujur-gaýrat, egsilmez yhlas bilen dowam etdirýän Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda uzak geljegi nazarlaýan düýpli özgertmeleriň, giň möçberli maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini nygtap, ýurdumyzyň döwlet durmuşynyň ähli ugurlaryny demokratik ýol bilen ösdürmegiň, adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň goraglylygyny üpjün etmegiň, ösen raýat jemgyýetini kemala getirmegiň, kanunçylyk binýadyny berkitmegiň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny aýratyn belledi.

T.Öwezow döwleti dolandyrmakda milli tejribämizden ugur almak bilen, Türkmenistanyň halkynyň bähbidine wekilçilik edýän ýokary wekilçilikli edarany – Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmek hem-de Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň işini bes edip, ýurdumyzyň kanun çykaryjy wekilçilikli edarasyny bir palataly ulgama öwürmek baradaky taryhy ähmiýetli teklibiň doly goldanylýandygyny aýtdy.

Soňra hormatly Arkadagymyz Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Sebitleýin ösüş, daşky gurşawy goramak we agrosenagat syýasaty baradaky komitetiniň agzasy B.Myradowa söz berdi. Ol Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» atly şygar astynda geçýän 2023-nji ýyla aýdyň maksatlar, uly ruhubelentlik bilen gadam basandygyny belläp, ata-babalarymyzyň «Geňeşli biçilen don gysga bolmaz» diýen pähiminden ugur alnyp, döwleti dolandyrmakda demokratik we adalatly jemgyýeti gurmakdaky toplanan köpasyrlyk milli tejribä daýanyp, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň bilelikdäki maslahatynyň geçirilmeginiň taryhy ähmiýetiniň bardygyny nygtady.

Ol şu günki maslahatda hormatly Arkadagymyzyň eden çuň manyly çykyşyny uly buýsanç bilen diňländiklerini we jemgyýetiň hukuk binýadyny yzygiderli kämilleşdirmek barada öňe sürlen başlangyçlaryň ýurdumyzyň bu ugurdaky geljekki ösüşiniň kepilidigini belledi. Aýratyn-da, kanunçylyk ulgamyny ykdysadyýetiň ösýän depginlerine laýyk getirmek, parlament ulgamyny döwrebaplaşdyrmak maksady bilen, bir palataly ulgama geçirmek babatda hormatly Arkadagymyzyň öňe süren tekliplerini tüýs ýürekden goldaýandyklaryny, bu çözgüdiň kanun çykaryjylyk ösüş ýolunyň esasy ugurlaryny kesgitlejekdigini, bu möhüm özgertmeleriň halkymyzyň aýdyň geljegini gurmaga we döretmäge uly itergi berjekdigini aýtdy.

Hormatly Arkadagymyz häzirki döwürde kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji edaralaryň işini kämilleşdirmegiň, möhüm kanunçylyk namalarynyň kabul edilmeginiň we durmuşa geçirilmeginiň, raýat jemgyýetiniň demokratik edaralarynyň adam hukuklaryny, azatlyklaryny goramak babatda durmuşa geçirýän çäreleriniň netijeli häsiýete eýe bolmagynyň wajypdygyna ünsi çekip, çykyş etmek üçin Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky komitetiniň agzasy J.Gylyçmyradowa söz berdi.

J.Gylyçmyradowa çykyşynyň başynda Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda agzybir türkmen halkynyň döredijilikli zähmeti bilen röwşen geljegini gurýan ýurdumyzyň her bir gününiň taryhy ähmiýetli wakalara beslenýändigini nygtady. Şunda uzak geljegi nazarlap kabul edilýän giň gerimli maksatnamalary durmuşa geçirmegiň milli kanunçylyk binýady halkara tejribä laýyklykda yzygiderli kämilleşdirilýär. Ol häzirki döwürde hormatly Arkadagymyzyň başyny başlan asylly işleriniň Arkadagly Serdarymyz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilmegi netijesinde ilatyň döwleti we jemgyýeti dolandyrmaga işjeň gatnaşmagynyň üpjün edilmeginiň ýurdumyzyň ösüşiniň möhüm şertleriniň birine öwrülendigini belledi.

Ol Gahryman Arkadagymyzyň adamzat jemgyýetiniň ösüşindäki tejribeden hem-de türkmen halkynyň milli mirasyndan ugur alýan döwletlilik ýörelgelerine esaslanyp, Türkmenistanyň ähli halkynyň bähbidine wekilçilik edýän, ýokary wekilçilikli edarany – Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmek baradaky hem-de Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň işini bes edip, milli parlamentimizi bir palataly ulgama öwürmek baradaky teklibini tüýs ýürekden goldaýandyklaryny nygtady.

Ýurdumyzda ähli halkyň bähbidine wekilçilik edýän Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmegiň milli demokratik ýörelgelerimize hem-de oňyn dünýä tejribesine laýyk gelýän kämil kanunçylyk binýadyny emele getirmek, Siziň taryhy ähmiýetli başlangyjyňyzy giň halk köpçüligine düşündirmek üçin ähli tagallalary etjekdigimize ynandyrýarys diýip, J.Gylyçmyradowa sözüni jemledi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz çykyş etmek üçin Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Halkara meseleler baradaky komitetiniň agzasy Ý.Haýytjanowa söz berdi. Ol Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň her bir gününiň uly ösüşlere we döredijilikli işlere beslenýändigini belläp, ýurdumyzy syýasy, ykdysady, medeni taýdan ösdürmek, halkymyzyň agzybirligini we jebisligini pugtalandyrmak üçin ähli ugurlarda ägirt uly özgertmeleriň amala aşyrylýandygyny aýtdy. Şunda hormatly Arkadagymyzyň uzak geljegi nazarlaýan parasatly syýasatynyň netijesinde mähriban Watanymyzyň hemmetaraplaýyn ösüşiniň üpjün edilendigi, onuň halkara giňişlikdäki abraýynyň belende galandygy nygtaldy.

Täze taryhy döwürde döwlet derejesinde yzygiderli goldaw berilmegi, zerur mümkinçilikleriň döredilmegi esasynda jemgyýetiň we döwlet durmuşynyň has möhüm ugurlarynyň kanunçylyk binýadynyň berkidilmegine, adam hukuklarynyň üpjün edilmegine gönükdirilen işleriň durmuşa geçirilýändigini belläp, Ý.Haýytjanow hormatly Arkadagymyzyň öňe süren başlangyjynyň ähmiýetini nygtady. Munuň özi ata-babalarymyzyň asyrlaryň dowamynda kemala getiren, halallyga, ynsanperwerlige ýugrulan ýörelgelerini, Garaşsyz döwletimiziň özygtyýarly ösüş ýoluny geçen ýyllarynda hukuk we durmuş ulgamynda toplan tejribesini özünde jemleýär. Gahryman Arkadagymyzyň halkymyzyň bähbidine wekilçilik edýän edarany – Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmek baradaky teklibini doly goldaýandyklaryny aýdyp, Ý.Haýytjanow Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň döredilmeginiň jemgyýetiň syýasy ulgamyny kämilleşdirmegi, halkymyzyň gadymdan gelýän demokratik däbine eýerip, möhüm çözgütleriň kabul edilmegini, aýanlyk, adalatlylyk, kanunyň hökmürowanlygy, çözgütleriň erkin ara alnyp maslahatlaşylmagy we kabul edilmegi üçin mümkinçilikleri üpjün edýändigini aýratyn nygtady.

Hormatly Arkadagymyz çykyş edenleriň hemmesine minnetdarlyk bildirip, öňe sürlen teklipleriň goldanylmagynyň başy başlanan asylly işleriň rowaçlyklara beslenmeginde möhüm ähmiýetiniň bardygyny belledi.

Görnüşi ýaly, çykyş edenleriň ählisi Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň işini bes edip, kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan Milli Geňeşi (parlament) bir palatadan ybarat bolan Türkmenistanyň Mejlisine öwürmegi goldady. Munuň özi ýurdumyzyň ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösüşiniň üpjün edilmeginde, aýratyn-da, kanunçylyk işiniň kämilleşdirilmeginde ähmiýetli bolar diýip, Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam etdi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň Halk Maslahatyny döretmek bilen bagly Türkmenistanyň Konstitusiýasyna – Esasy Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamak we umumylaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow we Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa Karara gol çekdiler. Resminama laýyklykda, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň işini bes etmek we kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan wekilçilikli edarany bir palatadan ybarat bolan Türkmenistanyň Mejlisine öwürmek baradaky teklip bilen Türkmenistanyň Prezidentine ýüzlenmek bellenildi.

Şeýle hem maslahatyň dowamynda milli döwlet gurmak we dolandyrmak meselelerinde toplanan baý taryhy tejribä daýanmak arkaly Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe döwlet häkimiýet edaralarynyň ulgamyny has-da kämilleşdirmek, döwrüň talaplaryna laýyk getirmek, Türkmenistanyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamak hem-de umumylaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Karara gol çekdi.

Degişli resminamalara gol çekilenden soňra, hormatly Arkadagymyz Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň we Mejlisiniň bilelikdäki indiki maslahatynyň on günüň dowamynda geçiriljekdigini belläp, şunuň bilen bagly guramaçylyk meselelerini çözmek üçin Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowa ýörite hatyň ýollanyljakdygyny, makullanylan halatynda, guramaçylyk işine girişiljekdigini aýtdy. Onda ýokarda agzalan topar tarapyndan taýýarlanyljak ýurdumyzyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hem-de onuň käbir maddalaryny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek bilen baglanyşykly, şeýle hem Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda Konstitusion kanunlaryň taslamalaryna seredilip, olaryň kabul ediljekdigini belledi.

*(TDH-nyň maglumatlary esasynda taýýarlandy).*

## IŇ GIRDEJILI KOMPANIÝALAR

Bazar barlaglaryny geçirýän «Statista» platformasynyň hünärmenleri geçen ýylyň iň girdejili kompaniýalarynyň sanawyny taýýarladylar. Sanawda «Saudi Aramco» kompaniýasy 300 milliard dollardan gowrak girdejisi bilen birinji orny eýeleýär. Saud Arabystanynyň nebit-gaz kompaniýasy çig nebit ätiýaçlyklary boýunça dünýäde ilkinjileriň hatarynda durýar. Sanawyň ilkinji bäşligine «Apple», «Microsoft», «Alphabet» we «Equinor» ýaly kompaniýalar giripdir.




Kompýuter, smartfon we sarp ediş elektronikasyny öndürýän «Apple» kompaniýasy 122 milliard dollar girdeji gazanypdyr. Kompýuter programmalaryny döredýän «Microsoft» kompaniýasy 84 milliard dollar girdejisi bilen üçünji orunda gelýär. «Google»-a eýeçilik edýän «Alphabet Inc.» 78 milliard dollar girdeji gazanypdyr. Norwegiýanyň «Equinor» energiýa kompaniýasy 77 milliard dollar girdeji bilen bäşinji bolupdyr. Bu sanaw degişlilikde, «Exxon Mobil», ICBC, «Shell», «China Construction Bank», «Petrobras», «Pampa Energia», «Chevron», «JPMorgan Chase», «TotalEnergies» kompaniýalary bilen dowam etdirilýär.

**Leýli BATYROWA,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň talyby.*

## PENSIÝA ÝAŞY ÝOKARLANDYRYLAR

Fransiýanyň Hökümeti 2030-njy ýyla çenli pensiýa ýaşyny ýene-de 2 ýaş artdyryp, 64 ýaşa ýetirmegi meýilleşdirýär. Ýurduň Premýer-ministri Elizabet Born bu özgertmeleriň maksadynyň 2030-njy ýyla çenli pensiýa ulgamynyň deňagramlylygyny üpjün etmekden ybaratdygyny belledi.




Fransiýanyň Hökümetiniň çaklamalaryna görä, ýurduň pensiýa gaznasynda 20 million ýewro barabar serişde ýetmezçiligi bar. Ýurduň ýolbaşçy düzümi bu ugurdaky işleri deňagramly derejede dowam etdirmek üçin iş alyp barýar. Täze özgertmelere görä, iň az pensiýa aýda 1200 ýewro bolar.

**Gurbanguly GÖKOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## BAGBANÇYLYGYŇ SAGLYGA PEÝDASY

Geçirilen barlaglarda dürli nähoşluklaryň we ruhy hassalyklaryň öňüni almakda bagbançylygyň aýratyn ähmiýete eýedigi ýüze çykaryldy. Çünki bagbançylyk bilen meşgullanýanlar köp hereket edýärler. Bu ýagdaý öz gezeginde, düwnük keseliniň we dürli hroniki keselleriň döremek howpuny azaldýandygyny ýüze çykardy. «Synaga gatnaşanlar stres we alada derejeleriniň ep-esli azalandygyny bellediler» diýip, ABŞ-nyň Kolorado uniwersitetiniň bilermenleri belleýärler. Barlagyň netijeleri «Lancet Planetary Health» žurnalynda çap edildi.



– Bu netijeler bagbançylygyň düwnük keseliniň, birsyhly köne keselleriň we ruhy taýdan bozulmalarynyň öňüni almakda möhüm rol oýnap biljekdigini anyk subut edýär – diýip, Kaliforniýa uniwersitetiniň daşky gurşawy öwreniş kafedrasynyň professory Jill Litt belleýär. Ol öz iş tejribesiniň köp bölegini, ilatyň arasynda keselleriň ýüze çykmak howpuny azaltmagyň elýeterli we durnukly usullaryny gözlemäge bagyşlapdyr.

– Bagbançylygyň birek-birek bilen gatnaşyklary ösdürmekde-de täsiri uludyr. Bagyňyza gireniňizde melleginde işläp ýören goňşyňyz bilen ekin-tikin işleri barada maslahatlaşmaga mümkinçilik döreýär. Bu ýagdaý bolsa, goňşular bilen gatnaşyklary ösdürmäge ýardam berýär. Mellekde diňe bir miwedir gök önümleri ýetişdirmek barada alada edilmän, eýsem, beýlekiler bilen arassa howaly tebigatda tejribe alyşmaga hem mümkinçilik döreýär – diýip, Litt sözüni jemleýär.

**Arzygül BALLYÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň magistranty.*

## SOWUK HOWANYŇ ADAMA TÄSIRI

Gyş pasly dowam edýär. Eýsem, sowuk, esasan hem, gyş paslynyň howasy bedenimize nähili täsir edýärkä? Geçirilen barlaglara görä, sowuk howa adama hemişe ýaramaz täsir hem edip durmaýan eken. Sowukda beýniniň işjeňliginiň artýandygy, has gowy işlemäge ukyplydygy barada ylmy garaýyşlar bar. Sowuk howada bedeniň peýdaly ýaglary işläp çykarýandygy, zyýanly ýaglary bolsa, ýakýandygy belli boldy. Sowuk howa myşsalaryň çişmegine mümkinçilik bermän, agyryny azaldýan eken.



Muňa garamazdan, sowuk howanyň oňaýsyz ýagdaýlary hem döredip biljekdigini unutmaly däl. Aýazly howada ýa-da pes temperaturaly otagda howanyň basyşy azalyp, kellagyrysyna we migrene (maňlaýyň iki gapdalyndaky ýiti agyry) sebäp bolmagy mümkin. Şonuň üçin kelläňizi ýyly saklamak maslahat berilýär. Şeýle hem sowuk howa demgysmalylar üçin howply bolup biler. Adatça, sowuk howada dem alynmagy öýkeniň gysylmagyna getirýär. Şonuň üçin gyşyň has sowuk günlerinde sagdyn adamlar üçinem dem almak ýeňil bolmaýar. Şeýle ýagdaýda agyz-burun örtügini dakynmak peýdalydyr. Mundan başga-da, gyş möwsüminde nah matadan tikilen eşikleri we gyşa niýetlenen aýakgaplary geýmek maslahat berilýär. Ykjam köwüşler sizi sürçek ýanýodalarda ýykylmakdan gorar.

**Merjen MOWLAMOWA,**
*Gökdepe etrabynyň 12-nji orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy.*

## HYTAÝDA BAHAR BAÝRAMY DOWAM EDÝÄR

Hytaýda däp bolan Bahar baýramynyň (Çunsze, Hytaýyň Täze ýyly) başlamagy bilen ýurt şatlyk-şagalaňa gurşaldy. 7-nji ýanwarda tutuş ýurt boýunça Bahar baýramy bilen baglanyşykly hytaýlylaryň möwsümleýin syýahatlary we gezelençleri başlady. Täze ýyl bilen baglanyşykly çäreler 40 gün dowam edýär.

Bilermenleriň pikiriçe, bu döwürde azyndan 2 milliarddan gowrak syýahat amala aşyrylyp, bu geçen ýyldakydan iki esse köpdür.



8-nji ýanwarda ýurduň birnäçe portunda gümrük taýdan resmileşdirmek gaýtadan ýola goýlup, üç ýyl bäri togtadylan halkara syýahatçylyk açyldy. Bu mümkinçilik awiapetekleri sargyt etmek, şeýle-de köp ýurtda hytaýly syýahatçylara höwes bilen garaşylmagy bilen utgaşdy.

Hytaýyň Täze ýyly ýerli ilat üçin iň möhüm baýramçylyk bolup, iki müň ýyldan gowrak wagt bäri bellenilip gelinýär. Hytaý senenamasyna laýyklykda, Täze ýyl 22-nji ýanwardan 5-nji fewrala çenli milli däpler esasynda dowam edýär.

**Ogulsuraý BABAÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## ELEKTROULAGLARYŇ SANY ARTDY

**Niderlandlarda gibrid we elektroulaglaryň sany geçen ýylyň 1-nji dekabryndaky ýagdaýa görä, dizel awtoulaglarynyň sanyna ýakynlaşyp, 1 million 10 müň 737-ä ýetdi. Ýurduň Awtoulag edarasynyň hasabatyna görä ýurtdaky dizel ýangyjy bilen hereket edýän ulaglaryň sany 1 million 38 müň 192-ä deňdir. Arassa energiýa bilen hereket edýän ulaglaryň hataryna doly elektrikleşdirilen, gibrid we wodorod ýangyçly ulaglar degişli bolup, soňky ýyllarda şeýle ulaglara isleg görnetin ýokarlanypdyr.**



**Ýurtda 7,8 million benzin bilen hereket edýän awtoulag bar. Ýakyn geljekde bu awtoulaglaryň ornuny elektroulaglaryň almagyna garaşylýar. Ýurtda 2025-nji ýyla çenli benzin we dizel ýangyçly ulaglaryň satuwynyň gadagan edilmegi meýilleşdirilýär.**

**Nurmuhammet GURBANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## 1 MILLION JAHANKEŞDE KABUL ETMEKÇI

**2023-nji ýylda Mongoliýanyň Hökümeti 1 million daşary ýurtly jahankeşde kabul etmegi meýilleşdirýär. Ýurduň Daşky gurşaw we syýahatçylyk ministrliginiň habar bermegine görä, ýurtda syýahatçylyk pudagynda pandemiýadan ozalky görkezijilere ýetmek üçin tagalla edilýär. Şonuň üçin üstümizdäki ýylda daşary ýurtly syýahatçylaryň sanyny 1 milliona ýetirmek we bu ugurdaky girdejini 1,2 milliard dollara çykarmak meýilleşdirilýär.**



**Ýylyň dowamynda syýahatçylyk pudagyny işjeňleşdirmek üçin 22 sanysy halkara bolmak bilen, 90-dan gowrak çäre geçirmek göz öňünde tutulýar. Geçen ýyl Mongoliýa 290,4 müň syýahatçy gelip, 350 million dollar girdeji gazanylypdyr.**

**Aýjahan BERDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## 7 YKLYMY AÝLANDYLAR

Hindistanyň 2 raýaty 3 gün 1 sagat 5 minut 4 sekuntda 7 yklymy aýlanyp, Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna adyny ýazdyrdylar. Ali Irani we Sujoý Kumar Mitra 4-nji dekabrda Antraktida bardylar, 7-nji dekabrda bolsa, syýahatyny jemläp, Awstraliýanyň Melburn şäherine geldiler.



Rekordçylar bu üstünligiň islendik wagt täzeden gazanylyp bilinjekdigini belläp, geçiren syýahatyndan hoşal bolandyklaryny bellediler.

Mundan ozalky rekord 2020-nji ýylda goýlup, Birleşen Arap Emirlikleriniň raýaty Hawla al-Romaiti 7 yklymda bolmak üçin 3 gün 14 sagat 46 minut 48 sekunt sarp edipdi. Bu syýahatda her ýurda aýratyn syýahat etmek däl-de, her yklymda düşlemek ýeterlikdir.

**Ahal ARAZGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## YSSY ÝYLLARYŇ BIRI BOLDY

Howanyň üýtgemegi boýunça Ýewropanyň «Copernicus» gullugynyň hünärmenleriniň taýýarlan ýyllyk hasabatynda 2022-nji ýylyň soňky sekiz ýylyň iň yssy ýyly bolandygy bellenilýär. Bilermenler planetanyň belli bir derejede maýlamagyny dowam etdirýändigini we howanyň gyzmagyny tizleşdirýän ýyladyşhana gazlarynyň howadaky toplanmasynyň henizem artýandygyny duýdurdylar. Häzirki wagtda howanyň düzümindäki dioksid uglerodynyň mukdarynyň kadadan ýokarydygy bellenilýär.




– Geçen ýyl Ýewropada we bütin dünýäde yssy ýyllaryň biri boldy. Indi biz global derejedäki ýylylygyň täsirini duýýarys – diýip, gullugyň ýolbaşçylarynyň biri Samantha Berjes belleýär.

**Oguljahan ORAŞOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 13-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110891
Belgisi: 2/1516
Tiražy: 6476
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# MAGTYMGULYŞYNASLYK YLMYNA ULY GOŞANT

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkymyzyň köpasyrlyk medeni gymmatlyklaryny öwrenmekde, gorap saklamakda, geljekki nesillere ýetirmekde hem-de edebi ösüşleriň ugurlarynda köp ýyllaryň dowamynda taplanan taryhy mirasymyzy, şahyrana taglymatlary wagyz etmekde, dünýäniň ylmy jemgyýetçiligine tanatmakda uly işler durmuşa geçirilýär. Jemgyýetçilik durmuşynda eserleri bilen täze döredijilik mekdebiniň kemala gelmegine uly badalga beren Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy köpleri gyzyklandyryp gelýär. Manyly we şöhratly ömrüni halkyň abadan geljegine bagyş edip, umumyhalk söýgüsini gazanan, milli edebiýatyň gözbaşlarynyň beýik sütünleriniň biri bolan meşhur Magtymguly Pyragynyň baý we köptaraply döredijilik ussahanasynda taplanan edebi mirasy 300 ýylyň dowamynda iki ýol arkaly – aýdyjylaryň we golýazmalaryň üsti bilen häzirki günlere çenli gelip ýetipdir. Magtymguly Pyragynyň dilden ýazylyp alnan, ýaýrawy giň bolan, halky dildäki şygyr setirleriniň galyplarynyň, döredijilik baýlyklaryna degişli bolan eserleriniň ilat arasynda has-da rowaçlanmagyna bagşylar, folklorçylar we ýatdan aýdyjylar aýratyn uly goşant goşupdyrlar. Sungat ussatlaryň döredijilik tejribeleri alymlaryň arasynda geçmiş edebiýatyny, ylmyny we medeniýetini öwrenmekde iň takyk, doly we ynandyryjylykly çeşmeler hasap edilýär. Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyna degişli bolan durmuş ýoly, döredijilik ussatlygy, eserlerinden parçalaryň ýazylyp alnan nusgalary getirilen, saklanýan, ýazylyp alnan sebitleri boýunça Daşoguz, Stambul, Eýran, Ahal, Mary, Lebap, Buhara, London, Daşkent, Drezden, Peterburg, Baku, Etrek, Lahor, Budapeşt, Aşgabat, Stawropol ýaly toparlara bölünýärler. XX asyrda edebiýaty öwreniş ylmynda täze ugur - magtymgulyşynaslyk mekdebi kemala geldi we onuň işleriniň örüsi has-da giňedi. Bize 2011-nji ýylyň mart, aprel, maý, iýun aýlarynda TYA-nyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynda gulluk iş saparymyzyň çäklerinde Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy bilen gyzyklanmak, ylymda ýetilen sepgitleri öwrenmek we magtymgulyşynaslyk mekdebiniň wekilleriniň eserleri bilen içgin tanyşmak bagty nesip etdi. Saparyň çäklerinde Magtymguly Pyragynyň edebi



mirasynyň öz obamyzdan 80 ýyldan gowrak mundan ozal dilden ýazylyp alnan nusgalary bilen bagly gymmatlyklara duş gelmegimiz şatlygymyzy has-da goşalandyrdy. Görnükli alymlar Baýmuhammet Garryýewiň, Mäti Kösäýewiň, Şamuhammet Gandymowyň, Annagurban Aşyrowyň we beýleki onlarça magtymgulyşynaslyk mekdebiniň tanymal wekilleriniň tassyklamagyna görä, Magtymguly Pyragynyň 700 töweregi goşgulary, 10-a golaý poemalary, jemi 15 müňden gowrak setirleri öz içine alýan edebi mirasy biziň günlerimize gelip ýetipdir. Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyna degişli gymmatlyklar hökmünde peýdalanylýan we mälim bolan eserleriň köpüsi halkyň dilinden dürli ýyllarda ýazylyp alnyp, dürli ýyllarda çap edilen şahyryň eserleriniň neşirlerine girizilipdir. Magtymguly Pyragynyň 1983-nji ýylda neşir edilen iki tomluk kitabynda şahyryň 498 sany goşgusy ýerleşdirilipdir. 1900-1960-njy ýyllar aralygyndaky ýarym asyrdan gowrak döwrüň dowamynda Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyna degişli bolan maglumatlaryň we eserleriň Daşoguz, Ahal, Mary, Etrek, Aşgabat nusgalary ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýaşan, köpi gören, uzak ömür süren we il içinde tanalýan adamlaryň dilinden ýazylyp alnypdyr. Halkyň arasynda Magtymguly Pyragynyň eserlerini ýatdan bilýän, giň gözýetimli, zehinli, milli döredijilik hazynalaryna yhlasly çemeleşýän, şahyrana hyjuwy dogumly, sözleýiş medeniýeti labyzly, dilewar bolan adamlaryň birnäçesi ýaşap geçipdir. Olaryň biri hem Sopy Amanowdyr. Öwrenen, diňlän eserlerini çalt kabul etmek, hakyda getirmek we ýatdan, mazmunly, çeper görnüşlerde gaýtadan aýtmak, uzak wagtlap ýadynda saklamak başarnygy, akyl ýetiriş başarnygy, tejribesi, örüsi, zehini örän güýçli bolan Sopy aga 1884-nji ýylda Görogly etrabynyň häzirki Durdy Gylyç adyndaky geňeşliginiň Garagulak obasynda doglup, ol 1966-njy ýylda Görogly etrabynyň Bereket geňeşliginde aradan çykypdyr. Ol öz döwründe meşhur Durdy Gylyç, Öre şyh, Pälwan bagşy, Emin hoja ýaly tanymal medeniýet wekilleri, görnükli sungat ussatlary bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyr. Halk döredijilik miraslaryndan, edebi hazynalaryň dürdänelerinden oňat baş çykaryp, olary kämil derejede labyzly aýdyp bilen Sopy aga öz döwründe Hywa medreseleriniň birinde okap düýpli bilim alypdyr. XX asyryň başlarynda iki görejinden mahrum bolmanka Sopy aga golýazmalarda, diwanlarda beýan edilen Magtymgulynyň, Andalybyň, Şabendäniň, Zeliliniň, Gaýybynyň, Zynharynyň, Keminäniň, Seýdiniň, Talybynyň, Mollanepesiň, Kätibiniň, Misgingylyjyň, Döwletmämmet-Balgyzylyň, Mätäjiniň we Aşykynyň eserleriniň köpüsini ýat tutupdyr. 1941-nji ýylda häzirki TYA-nyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň ylmy işgärler toparynyň agzalary tarapyndan edebi mirasyň hazynalaryny toplamak, öwrenmek, ulgamlaşdyrmak, seljermek we neşir etmek maksady bilen ýurdumyzyň dürli etraplarynda geçirilen hepdelikleriň çäklerinde Sopy aga bilen ilkinji gezek duşuşýarlar. Şonda köpi gören goja alymlara Magtymgulynyň 299-dan gowrak goşgusyny, akyldaryň maşgala durmuşy, hünäri, ömri we döredijiligi bilen bagly seýrek duş gelýän gyzykly maglumatlary, aýdyşyk gazallaryny aýdyp beripdir. 1958-nji ýylda TYA-nyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň arap-pars dilleri we edebiýatlary boýunça baş ylmy işgäri, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Baýrammämmet Ahundow ýörite gelip Sopy aga bilen duşuşýar we ondan XVIII-XIX asyrlarda ýaşap geçen 20-den gowrak şahyrlaryň edebi-taryhy ykballary baradaky rowaýatlary, milli medeni mirasyň köpdürli görnüşlerinden parçalary, dürli maglumatlary we şahyrlaryň galamlaryna degişli bolan jadyly şygyrlaryň uly toplumyny ýazyp alýar. Alymlar topary şonda Sopy aganyň dilinden ýazylyp alnan Magtymgulynyň eserleriniň nusgalarynyň şireliligi, akgynlylygy, yzygiderliligi, çeperçilik derejeleri boýunça şahyryň döredijilik ruhuna golaýlygy, bentleriniň möçberi, setirleriniň tertipliligi, sazlaşyklylygy, tekstologik ölçegleriniň delillendirijiligi, sözleriň leksik düzüminiň çeperçiligi, sagdynlygy, dürsligi, taryhy hakykatlar boýunça häsiýetlendirilýän şertlere dogrulygy, ähmiýetliligi, ygtybarlylygy we aýdyňlygy boýunça iň kämil, durnukly we gymmatly görnüşlerdäki edebi tapyndylar diýip hasap edipdirler. Sopy aganyň dilinden Magtymgulynyň eserleri, ykbaly, maşgala durmuşy we hünär edebi, akyldaryň eserleriniň medreselerde okadylyşy, golýazmalaryň häsiýetlerine (dürli ölçeglerdäki kagyzlaryň gyralarynda görkezmek) kätipler tarapyndan göçürilişi baradaky giň toplumly maglumatlaryň ilkinjileriň hatarynda ýazylyp alynmagy edebiýaty öwreniş ylmynda, okuw kitaplarynda, gollanmalarda beýan ediliş sepgitleriň nobatdaky ösüş tapgyrlaryna täze badalgalary berdi. Halk dürlerine degişli aýdyjynyň pikirleriniň gymmatyny öz döwründe B. A. Garryýew, A. A. Gürgenli, R. Alyýew, R. Rejepow, G. Geldiýew, M. Kösäýew, A. Meredow, D. Nuralyýew, S. Ahally ýaly meşhur magtymgulyşynas alymlar hem goldapdyrlar. Sopy aganyň dilinden ýazylyp alnan gymmatlyklar TYA-nyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň 833-nji, 1633-nji we beýleki köpsanly bukjalarda saklanýar. Filologiýa ylymlarynyň doktory Annagurban Aşyrow Sopy aganyň taryhy hyzmatlaryny özüniň «Magtymgulynyň golýazmalarynyň teswiri» (1984), «Magtymgulynyň golýazmalarynyň derňewi» (2014), «Magtymgulynyň golýazmalary: ylmy-tekstologik barlaglar» (1995), «Magtymgulynyň golýazmalaryny yzarlap» (1996) atly kitaplarynda we doktorlyk işiniň awtoreferatynda uly hormat bilen agzap geçipdir. Belli alymyň köp ýyllaryň dowamynda ýazan we öwrenen «Magtymgulynyň golýazmalarynyň derňewi» (2014) atly kitabynyň «Magtymgulynyň dilden ýazylyp alnan edebi mirasy» (I bölüminiň IV baby) we «Magtymguly haçan doglupdyr?» atly bölümlerinde (III bölüminiň IV baby) Sopy Amanowyň hyzmatlaryna ýokary baha berlendigini görmek bolýar. Magtymguly Pyragynyň eserleriniň soňky 100 ýylda Diýarymyzda türkmen dilindäki nusgalaryň 20-ä golaý neşirlerine duş gelmek bolýar. Magtymguly Pyragynyň eserleriniň 1960-njy ýyldan soňky neşirlerine Sopy Amanowyň dilinden ýazylyp alnan 50-ä golaý şygyr nusgalaryň girizilmegi aýratyn buýsandyryjydyr. Magtymguly Pyragynyň eserleriniň uly toplumynyň biziň günlerimize gelip ýetmegine uly goşant goşan Sopy Amanowyň nebereleriniň köpüsi häzirki wagtda Görogly etrabynyň Bedirkent geňeşliginde ýaşaýarlar. Dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren Magtymguly Pyragynyň edebi mirasynyň, çeperçilik ussatlygynyň köptaraply öwrenilmegine hem-de döredijilik gymmatlyklarynyň toplanylmagyna uly goşant goşan şahsyýetleriň ykbalynyň we zähmetiniň wagyz edilýän döwründe hormatly Prezidentimiziň – Arkadagly Serdarymyzyň janynyň sag, mertebesiniň belent, alyp barýan döwletli işleriniň rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

# ÄNEW MEDENIÝETINIŇ ŞÖHRATY

Ajaýyp zamanamyzda şöhratly taryhymyzyň şaýady bolan gadymy ýadygärlikleriň umumadamzat gymmatlygy hökmünde ykrar edilmegi ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. 2022-nji ýylda Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) hemişelik geňeşiniň Türkiýe Respublikasynyň Bursa şäherinde geçirilen mejlisinde 2024-nji ýylyň «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly», gadymy Änew şäheriniň bolsa 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi hormatly Prezidentimiziň milli gymmatlyklarymyzy dünýä ýaýmak babatda öňde goýýan wezipeleriniň üstünlikli durmuşa geçirilýändigi hakdaky buşluknama bolup ýüreklere doldy.

Ýurdumyzdaky taryhy mekanlaryň iň irkileriniň biri-de gadymy Änewdir. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabynda bu gadymy mekan barada şeýle diýilýär: «Orta asyr çeşmelerine görä, dört derwezesi bolan, süýji suwly käriz suwy bilen üpjün edilen Küfen, şeýle-de gadymy harabaçylygy şu günlere çenli saklanyp galan Bagabat (häzirki Änew) has uly we belli şäherler bolupdyr».

Dünýä halklarynyň arasynda Türkmenistan iň gadymy medeniýetiň dörän we ösen ýeri hökmünde tanalýar. Ata-babalarymyz müňýyllyklaryň dowamynda tebigy gözelligi bilen adamzady özüne bendi eden ýurdumyzyň çäklerinde ösen medeniýetleri döredipdirler, geljek nesillere baý edebi mirasy galdyrypdyrlar.



Änew şäheri öz taryhynyň gözbaşyny çuňňur köklerden alyp gaýdýar. Änewde esasy kär ekerançylyk bolupdyr. Munuň şeýledigine gazuw-agtaryş işleri geçirilende tapylan çarhda ýasalan küýze önümleri, daş sokulardyr owmaçlar hem şaýatlyk edýär.

Dünýä alymlarynyň içgin gyzyklanmaklarynyň netijesinde, Änew medeniýetiniň demirgazyk çetki depelerinde geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň dowamynda bu medeni ojagyň has irki gatlaklara degişlidigi anyklanypdyr. Munuň özi, onuň Jeýtun medeniýetiniň döwürdeşidiginden habar beripdir. Ol ýerde ilatyň dag çeşmelerinden peýdalanyp, esasan, ekerançylyk işleri bilen meşgullanandygyna şaýatlyk edýän alamatlar, tapylan ak bugdaýyň däneleri bugdaýyň ilkinji Watanynyň Änew topragydygyna güwä geçipdir. Häzirki döwürde bu gymmatlyklar Türkmenistanyň Milli «Ak bugdaý» muzeýinde saklanýar.

Änewiň «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi bu şähere özüniň baý taryhy-medeni mirasyny, syýahatçylyk mümkinçiliklerini görkezmegi üçin täze ugurlary açar, şeýle-de Türkmenistanyň ajaýyp künjeklerini Ýer ýüzünde wagyz etmäge ýardam berer. Bu giň gerimli wakanyň TÜRKSOÝ-yň çäklerinde döwletara hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge täze itergi berjekdigine ynam bildirildi, munuň özi köp babatda umumylyga eýe bolan türki medeniýetiň mundan beýläk-de ösdürilmegine goşant goşar.

**Goçmyrat ŞYHMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# TÜRKMEN-HYTAÝ GATNAŞYKLARYNDA TÄZE DÖWÜR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki wagtda türkmen-hytaý gatnaşyklary has belent sepgitlere ýetirildi. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen iki doganlyk ýurduň arasyndaky gatnaşyklar hil taýdan täze derejelere çykdy, syýasy, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlarda köp sanly taslamalar durmuşa geçirildi.

Türkmen-hytaý gatnaşyklarynda täze öňegidişlikleri gazanmak, ilkinji nobatda, iki ýurduň Liderleriniň strategik ýolbaşçylygy bilen baglanyşyklydyr. 2022-nji ýylyň başynda Hytaýyň we Türkmenistanyň Baştutanlary diplomatik gatnaşyklaryň 30 ýyllygyna bagyşlanyp, onlaýn usulda geçirilen «Merkezi Aziýa – Hytaý» sammitine gatnaşdylar, Pekinde guralan gyşky Olimpiýa oýunlarynyň açylyş dabarasynyň, şeýle-de Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Samarkantda geçirilen sammitiniň çäklerinde ýüzbe-ýüz görnüşde duşuşdylar. Olar yzygiderli strategik gatnaşyklary saklamak bilen, türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň ugurlaryny kesgitleýärler, dürli ulgamlarda özara hereketleri ösdürmäge kuwwatly itergi berýärler.

Hytaý köp ýyllardan bäri Türkmenistanyň iri söwda hyzmatdaşy bolmagynda galýar. Birek-biregi hormatlamak, özara bähbitlilik ýörelgelerine eýerip, Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy we Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýolunyň täzeden galkynyşy» strategiýasy has içgin utgaşdyrylyp, täze hyzmatdaşlyk ugurlary kesgitlenýär. Energetika, has takygy, tebigy gaz ulgamynda hyzmatdaşlyk türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň özeni hasaplanýar. Türkmenistan häzire çenli Hytaýa 350 milliard kubmetrden gowrak tebigy gazy eksport etdi.

Hormatly Prezidentimiziň Hytaýa döwlet saparynyň çäklerinde iki ýurduň Liderleriniň gatnaşmagynda «ýaşyl» ösüş, sanly ykdysadyýet,



saglygy goraýyş, medeniýet, sport, ulag, maglumat we köpçülikleýin habar beriş serişdeleri, şeýle-de gaz ulgamynda hyzmatdaşlyk boýunça resminamalaryň birnäçesine gol çekildi we olar netijeli häsiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiziň Hytaý Halk Respublikasyna döwlet sapary halkara media giňişliginde uly gyzyklanma döretdi. Bu saparyň öňüsyrasynda hormatly Prezidentimiziň «Ženmin Žibao» gazetinde «Strategik hyzmatdaşlygyň ygtybarly binýady» atly makalasynyň çap edilmegi we onda türkmen-hytaý gatnaşyklaryna giňişleýin syn berilmegi dostlukly gatnaşyklaryň ösüşli menzillerini giňden beýan edýär.

Ulag we kommunikasiýalar ulgamynyň ösdürilmegine Hytaý bilen hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugry hökmünde garalýar. Ählumumy goşulyşmak şertlerinde ulag gatnawlarynyň kämilleşdirilmegi, üstaşyr geçelgeleriň döredilmegi barha uly ähmiýete eýe bolup, ol dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň möhüm şerti hökmünde çykyş edýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň we Hytaýyň bilelikdäki ulag strategiýasyny kemala getirmek üçin ähli mümkinçilikler hem-de şertler bar. Bilelikdäki geografik, serişde, ykdysady kuwwatyň, harytlary ýerlemegiň täze ugurlaryna çykmak üçin artykmaçlyklaryň peýdalanylmagy bu strategiýanyň esasyny düzýär. Hytaý Türkmenistana ulag-logistika ulgamy boýunça ýardam bermäge taýýar. «Hytaý tarapy ulag üpjünçilik ulgamlarynyň gurluşygyny çaltlandyrmakda we häzirki zaman ulag-logistika ulgamyny döretmekde Türkmenistana ýardam bermäge taýýardygyny beýan edýär» diýlip, Türkmenistanyň we Hytaý Halk Respublikasynyň Bilelikdäki Beýannamasynda aýdyldy.

**Kadyr BAÝRAMOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

# ÝAŞLAR – WATANYMYZYŇ BUÝSANJY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Uly üstünliklere beslenip tamamlanan «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly hem ýurdumyzyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylar. Geçen ýyl ýurdumyzyň durmuşynda möhüm wakalaryň bolan, tutumly işleriň amal edilen ýyly hökmünde ýadymyzda galar. 2022-nji ýylda ata Watanymyzy ählitaraplaýyn ösdürmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak boýunça amala aşyrylan işler şu ýylda durmuşa geçirilmeli tutumly işleriň berk binýady bolar.

Bilşimiz ýaly, her ýylyň mynasyp at bilen atlandyrylmagy halkymyzda indi asylly ýörelgä öwrüldi. 2023-nji ýylyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» diýlip atlandyrylmagy halkyň arzuw-isleginiň aýdyň beýanydyr. Çünki ýaşlar döwletimiziň daýanjydyr, guwanjydyr, kuwwatydyr. Ýurdumyzda bagtyýar ýaşlara uly ynam bildirilýär, ýaşlar barada ýöredilýän döwlet syýasaty aýdyň maksatlary nazarlaýar.

Hormatly Prezidentimiziň degişli Kararyna laýyklykda, Bilim ministrliginiň merkezi edarasynyň gurluşy tassyklandy hem-de «Türkmenistanyň Bilim ministrligi hakynda Düzgünnama» üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Şunlukda, Bilim ministrligi tarapyndan degişli guramaçylyk işleri geçirilip, täze bölüm – ýaşlar



syýasaty bölümi açyldy.

Ýaşlar barada döwlet syýasatynyň esasy wezipeleri, Watanymyzyň ykdysady, syýasy, medeni durmuşyna ýaşlaryň işjeň gatnaşmagyny üpjün etmekden, olary watançylyk, ynsanperwerlik, zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemek üçin has amatly hukuk şertlerini döretmekden, ýaşlar syýasatyny durmuşa geçirmek babatda bilim edaralarynyň, şeýle hem döwlet edara-guramalarynyň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, döwlete dahylsyz we halkara guramalaryň özara hyzmatdaşlygyny giňeltmäge, pugtalandyrmaga gönükdirilen çäreleri mundan beýläk-de amala aşyrmakdan ybaratdyr.

Häzirki wagtda «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmek, şeýle hem bellenilen işleri kämilleşdirmek maksady bilen, «Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021–2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek, Kanundan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamak we olary ara alyp maslahatlaşmak boýunça Türkmenistanyň Bilim ministrliginde Pudagara iş topary döredildi.

Ýurdumyzyň bagtyýar ýaşlaryna uly ynam bildirip, olar üçin iň gowy şertleri, mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Serdarymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys.

**Gülaýym HANGELDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# AHALDA BANAN ÝETIŞDIRILIP BAŞLANDY

Uly üstünliklere beslenip, taryhy wakalary bilen şöhratlanan «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýyly tamamlandy. Şanly ýylymyzyň şu ýeňişli menzillerine türkmen telekeçileriniň saldamly goşantlaryny ýatlamak guwanç duýgusyny döredýär. Sebäbi telekeçilerimiziň ýadawsyz aladalary bilen harytlaryň we önümleriň bolçulygynyň döredilmeginde gowy netijeler gazanylýar. Bu bolsa, täze iş orunlarynyň döredilmegine itergi berýär.

Ýakynda Kaka etrabynda ýerleşýän «Hemsaýa» hojalyk jemgyýeti banan ýetişdirmek işine girişdi. Hojalyk jemgyýetiniň bananyny ösdürip ýetişdirmäge niýetlenen ýyladyşhanasy 5 gektar meýdany tutýar. Türkiýe, Germaniýa, Ispaniýa ýaly öňdebaryjy döwletleriň kämil tehnologiýaly enjamlary bilen enjamlaşdyrylan bu ýyladyşhana



toplumynda diňe bir banany däl-de, eýsem, beýleki tropiki miwe berýän ösümlikleri hem ýetişdirmek bolýar. Ýyladyşhana hojalygynda häzir bananyň «Kawendiş» atly dünýäde iň köp ýetişdirilýän görnüşi ösdürilýär we her gektaryndan ýylyň dowamynda 100 tonna hasyl almak meýilleşdirilýär.

Ýeri gelende bellesek, mundan ozal Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynda «Ferhar» hojalyk jemgyýeti we Lebap welaýatynyň Halaç etrabynyň ekerançysy M. Hudaýberdiýew öz hojalygynda banan ösdürip ýetişdirmegi ýola goýupdylar. Mundan başga-da, ýurdumyzyň demirgazyk sebitindäki «Daşoguz» şypahanasyna degişli ýyladyşhanada hem banan ýetişdirilýär. Kiçi we orta telekeçiligiň şunuň ýaly yzygiderli ösüşi, ýurdumyzda telekeçilik başlangyçlaryna hemmetaraplaýyn berilýän goldawyň netijesidir.

**Nasiba KARAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# TÄZE ÝYLYŇ ILKINJI GARY

Gyş paslynyň dowam edýän häzirki günlerinde paýtagtymyza 2023-nji ýylyň ilkinji gary ýagdy. Paýtagtymyzyň ýaşaýjylary we myhmanlary täze ýylyň ilkinji ýagan garynyň şaýady boldular. Ýagan gar ähli ýeri aklyga büredi. Ak gary bolsa asly halal türkmen halkymyz ak arzuwlara meňzedýär. 8-nji dekabrdan başlanýan uly çille 17-nji ýanwara çenli dowam edýär. Soňra kiçi çille başlanýar. Ata-babalarymyz uly çillede gar köp ýagyp, doňaklyk uzak dowam etse, gowulyga ýorupdyrlar. Sebäbi soňra onuň yzyndan gelýän kiçi çille gazabyna tutmandyr. Bary-ýogy 20 gün dowam edýän kiçi çilläniň döwri geçenden soňra bolsa gyşyň gutardygy diýip hasaplapdyrlar. Sebäbi 7-nji fewraldan 22-nji fewrala çenli dowam edýän ahyrky garagyş eýýäm gyşyň gowşap, howanyň maýlap başlaýan döwri hasaplanýar. Ata-babalarymyz gyş pasly barada birnäçe pähimleri, nakyllary we atalar sözlerini miras galdyrypdyrlar. «Gyşyň güni kyrk tüýsli, kyrkysy-da gylyksyz» diýen sözleriň üsti bilen gyşa taýýarlykly barmalydygy ündelýän bolsa, gyşyň gar-ýagşynyň toprak üçin zerurdygyny, eger-de gyşda ygal bolmasa, onda ýazda berekediň hem bolmajakdygyny pederlerimiz «Gyşy gyşsyramadygyň, ýazy ýazsyramaz» diýen pähimiň üsti bilen ýatladypdyrlar. Şu ýylyň gyşy turuwbaşdan aklyga, ak gara beslenip geldi. Munuň özi Towşan ýylynyň rysgal-bereketli, döwletli ýyllaryň biri boljakdygynyň alamatydyr.

Köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde adatdan daşary sowuk howanyň aralaşmagy bilen sowuk howanyň ýanwar aýynyň ikinji ongünlüginiň ortalaryna çenli dowam etjekdigi barada aýdylýar. Şeýle halatda garyň ýagmagy bilen ýagan gar doňup, ulaglaryň basgylamagy bilen ýollarda toplanan gar gatap, aýratyn-da, gijelerine bolýan sowuk howa netijesinde köçelerde we ýanýodalarda sürçek emele gelýär. Bu ýagdaýyň öňüni almak üçin köçelerde toplanan gary aýyrmak, ýollary arassalamak, ulaglaryň we pyýadalaryň hereket howpsuzlygyny üpjün etmek möhüm wezipe bolup durýar.



Şunuň bilen baglylykda, şäheriň ýollary, esasy gatnawly köçeleri we ýanýodalar gardan arassalanýar. Ýollardaky gary aýyrmak, gyş günlerinde, garyň ýagmagy bilen baglylykda, esasan-da, ýollary ýuwujy, süpüriji, gardan arassalaýjy tehnikalardan bökdençsiz we netijeli peýdalanylýar, wagtynda geçirilen arassaçylyk çäreleri esasynda, paýtagtymyzyň köçelerinde, köp gatnawly ýollarynda we ýanýodalarda garyň doňup, ulaglaryň we pyýadalaryň howpsuz hereketini kynlaşdyrýan sürçegiň emele gelmeginiň öňi alynýar.

**Ylhas ANNAMYRADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
gysga setirlerde

► **Hillari Klinton mugallym bolar.** ABŞ-nyň öňki döwlet sekretary Hillari Klinton Kolumbiýa uniwersitetinde halkara gatnaşyklary boýunça professor-mugallym wezipesinde işlär. Bu barada Kolumbiýa uniwersitetiniň rektory Li Bollinjer habar berdi. Bollinjer Döwlet sekretary we ABŞ-nyň senatory bolup işlän Klintonyň köpýyllyk tejribesiniň bardygyny belledi.



► **Dünýä ykdysadyýetine syn berdi.** Halkara Pul Gaznasynyň dolandyryjy direktory Kristalina Georgiýewa 2023-nji ýylda dünýä ykdysadyýetiniň üçden bir böleginiň resessiýany, ýagny, haýal ösüşi başdan geçirjekdigini aýtdy. Ol dünýä ykdysadyýetiniň umumy ýagdaýynyň geçen ýyla garanyňda, ýeňil bolmajakdygyny belledi.



► **Geçen ýylyň iň berk smartfony.** Internet torunda «JerryRigEverything» ady bilen tanalýan tehnobloger Zak Nelson 2022-nji ýylda çykarylan iň berk we gowşak smartfonlaryň sanawyny düzdi. Bu sanawda birinji orny hytaý kompaniýasynyň «AGM H5» smartfony eýeledi. Iň gowşak smartfon «Asus ROG Phone 6 Pro» boldy.



► **«Samsung»-yň täze displeýi.** «Samsung Display» Las-Wegasdaky CES-2023 sergisinde «Flex Hybrid» diýlip atlandyrylýan, bir wagtyň özünde epläp hem göneldip bolýan displeýi hödürledi. Koreý kompaniýasynyň wekilleri «Flex Hybrid» displeýiniň noutbuklarda hem ulanylmaga niýetlenendigini bellediler.



► **«Lexus» has kiçi krossoweri çykarar.** «Lexus» şu ýylyň güýzünde ýolsuz ýerden ýöreýän has ykjam ulagyny çykarmagy maksat edinýär. Bu barada «BestCarWeb» neşiri habar berdi. Şeýle hem kompaniýa ozalky meýilleşdiren iň uly krossowerini kämilleşdirmegini wagtlaýynça togtatdy.



► **Geçen ýyl 18 million funt gazandy.** Geçen 2022-nji ýylda britaniýaly ýazyjy zenan Joan Rouling öz neşirýatyndan Garri Potter baradaky kitaplary üçin 18 million funt sterling galam hakyny aldy. Dünýäniň iň köp hak tölenýän ýazyjysy geçen ýylyň dekabr aýynda kitaplarynyň satuwynyň barha artýandygyny habar beripdi.



► **Smartfonlaryny tanyşdyryp başlar.** «Samsung» 2023-nji ýylda täze ykjam telefonlary bilen tanyşdyryljak ilkinji sergisiniň senesini mälim etdi. Sergi 18-nji ýanwarda Hindistanda geçiriler. Kölperiň täze «Galaxy S23» flagmanlarynyň hödürlenmegine garaşýandyklaryna garamazdan, bu sergide «Galaxy A» telefonlary hödürlener.



► **18 metrlik gar adamy.** Hytaýyň Harbin şäherinde boýy 18 metre ýetýän gar adamy peýda boldy. Gardan ýasalan heýkel şäheriň Saz seýilgähiniň girelgesinde oturdyldy. Ony 10 günüň dowamynda ýasadylar. Äpet gar adamy gujaklamak üçin azyndan 10 adam bir-biriniň elinden tutup, halka guramaly bolýar.



► **Öňdäki orny eýeledi.** Saud Arabystanynyň Döwlet garaşsyz gaznasy serişdeleriniň möçberi boýunça dünýäde altynjy orny eýeledi, ol geçen 2022-nji ýylda öz hususy serişdelerini 13 göterimden hem artdyryp, 607,4 milliard dollara ýetirmegi başardy. Bu barada ýurduň «Habr Ajil» habarlar portaly ýazýar.



## TARYHDA ŞU GÜN

■ **1830-njy ýylyň 13-nji ýanwarynda Sankt-Peterburgda hepdede bir gezek çykýan jemgyýetçilik-syýasy neşir bolan «Literaturnaya Gazeta»-nyň ilkinji sany çap edilýär. P.A. Wýazemskiniň we A.S. Puşkiniň işjeň gatnaşmagynda ýazyjylar topary tarapyndan döredilen bu gazet okyjylaryň arasynda meşhurlyk gazanýar.**



# Prezident saýlawlary geçirilýär

**Şu gün we ertir Çehiýada Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyry geçiriler. Ses berişligiň senesi geçen ýylyň iýun aýynda Senatyň başlygy (Mejlisiň ýokarky palatasy) Miloş Wystrçil tarapyndan mälim edilipdi. Birinji tapgyrda döwlet Baştutany saýlanmadyk halatynda, saýlawlaryň ikinji tapgyrynyň 27-28-nji ýanwarda geçiriljekdigi habar berlipdi.**

**Mundan ozal prezidentlik ugrunda bäsleşmek isleýän birnäçe çeh raýatlarynyň saýlaw kampaniýasyna girişendigi tassyklanypdy. Geçen ýylyň noýabrynda ýurduň Içeri işler ministrligi hasaba alyş netijelerini yglan etdi. Arza beren 21 dalaşgäriň diňe 9-sy saýlaw üçin hasaba alyndy. Birinji tapgyrda dalaşgärleriň hiç birisi 50%-den köp ses alyp bilmese, saýlawlaryň ikinji tapgyry geçiriler. Şunuň ýaly ýagdaýlarda saýlawçylardan has köp goldaw alan iki dalaşgär ikinji tapgyra çykar. Häzirki döwlet Baştutany Miloş Zemanyň prezidentlik möhleti şu ýylyň 8-nji martynda tamamlanýar. Miloş Zemanyň ýurtda hereket edýän kanunlara laýyklykda, gaýtadan saýlanmaga mümkinçiligi ýok.**

**Çehiýa parlament respublikasydyr. Döwlet Baştutany, saýlawlarda ses bermek arkaly 5 ýyl möhlete saýlanýar. Oňa konstitusion kazyýetiň kazylaryny teklip etmek, käbir şertlerde parlamenti ýatyrmak, kanun-**



**lara weto bermek ýaly aýratyn ygtyýarlyklar berilýär. Şeýle hem, içeri we daşary syýasatyň ugruny kesgitleýän Çehiýa hökümetiniň başlygyny (Premýer-ministr), şeýle-de, Premýer-ministriň teklibi boýunça hökümetiň beýleki agzalaryny belleýär. Merkezi Ýewropada ýerleşýän bu ýurtda häzirki wagtda 10,5 million töweregi ilat ýaşaýar. Çehiýa 1993-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda Garaşsyzlygyna eýe boldy.**

# Wekiller palatasynyň başlygy saýlandy

7-nji ýanwarda ABŞ-nyň Wekiller palatasy tarapyndan respublikaçy Kewin Makkarti ses berişligiň 15-nji tapgyrynda sesleriň köpüsine eýe bolup, Wekiller palatasynyň başlygy wezipesine saýlandy. 57 ýaşly Makkarti 216 sese eýe bolup,



bu sesler saýlanmak üçin ýeterlikdi, sebäbi alty kanun çykaryjy dalaşgärleriň hiç birini goldamaýardy. Onuň esasy bäsdeşi, demokrat Hakim Jefris bolsa, 211 kanun çykaryjynyň goldawyna eýe boldy.

Wekiller palatasynyň başlygynyň wezipesi ABŞ-nyň hökümetinde ähmiýeti boýunça üçünji orunda durýar. Makkartiniň bu wezipäni öňräk eýelemegine garaşylýardy, ýöne ol partiýa agzalarynyň uly bolmadyk toparynyň garşy sebäpli soňky günlerde sesleriň zerur sanyny alyp bilmedi. Maglumatlara görä, Makkarti kongresmenleri öz dalaşgärligini makullamaga razy etmek üçin birnäçe eglişikleri etmeli boldy. Ol, esasan-da, spiker wezipesiniň möhletleri we şertleri bilen baglanyşykly käbir çäklendirmelere razy boldy. Şeýlelikde, saýlawlaryň netijesi respublikaçylaryň wekiller palatasyndaky ýeňşi bilen tamamlandy. Indi Waşingtonyň Kapitoliýa baýrynda ýerleşýän Kongresiň Wekiller palatasynda 222 respublikaçy we 212 demokrat işleýär. Spiker bellenmezden ozal, Kongresiň aşaky palatasynyň işinde belli bir derejede bökdençlik ýüze çykdy, sebäbi kanun çykaryjylaryň kasam kabul edip, talaba laýyk işe başlamaga mümkinçiligi bolmady. ABŞ-nyň Prezidenti Jozef Baýden Makkartini täze wezipä saýlanmagy bilen gutlap, özüniň respublikaçylar bilen işleşmäge taýýardygyny mälim etdi.

Wekiller palatasynyň başlygynyň saýlawlary 100 ýyldan soň ilkinji gezek iň uzak wagt dowam eden saýlaw boldy. Şunuň ýaly ýagdaý soňky gezek 1923-nji ýylda hasaba alnypdy. Şonda spiker saýlamak üçin dokuz tapgyr ses berişlik geçirildi. 1859-njy ýylda aşaky palatanyň başlygyny saýlamak üçin 44 tapgyr gerek bolupdyr.

# Ýewropada 2023-nji ýylyň medeni paýtagtlary

**Gresiýanyň Elefsis, Rumyniýanyň Timişoara we Wengriýanyň Wesprem şäherleri 2023-nji ýylyň medeni paýtagtlary diýlip yglan edildi. Bu barada Ýewropa Komissiýasynyň beýanatynda bellenilýär.**

**«Ýewropanyň medeni paýtagty derejesi Ýewropadaky medeniýetleriň baýlygyny we dürli-dürlüligini görkezmäge, durnukly syýahatçylygy höweslendirmäge we medeniýet arkaly şäherleriň ösüşine ýardam bermäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem bu ýagdaý şäherleriň özüne we töweregindäki sebitlere**



**sosial we ykdysady taýdan uzak möhletleýin oňyn täsir edýär» diýlip, Ýewropa Komissiýasynyň beýanatynda bellenilýär.**

**Ýewropa Komissiýasynyň resmi wekili Ýohannes Barke Brýusselde geçirilen brifingde eden çykyşynda:**

**– 2023-nji ýylyň dowamynda Ýewropanyň täze medeni paýtagtlary hemmelere öz medeniýetiniň baýlygyny we dürli-dürlüligini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýän köp sanly çäreleri, sergileri we köpçülikleýin tomaşalary hödürlär – diýip belledi.**

**Şeýle hem ol Ýewropanyň medeni paýtagtlary adyny götermek hukugyna eýe bolmak üçin şäherleriň «ýaşaýjylarynyň we jemgyýetleriniň işjeň gatnaşmagyny höweslendirýän ösen Ýewropa ölçegli medeni maksatnamalary» işläp düzmelidigini ýatlatdy.**

**Geçen 2022-nji ýylda Kaunas (Litwa), Eşsýur-Alzett (Lýuksemburg) we Nowi-Sad (Serbiýa) Ýewropanyň medeni paýtagtlary boldy. Ýewropanyň medeni paýtagtlary ady 1985-nji ýyldan bäri berlip, Gresiýanyň Afiny şäheri ilkinji bolup bu ada eýe bolupdy.**



# G7 sammiti Hirosimada guralar

Şu ýyl «Uly ýediligiň» başlyklygy Ýaponiýa geçdi. Ýurduň hökümeti G7 sammitiniň geçiriljek ýerini we senesini resmi taýdan mälim etdi. Sammit şu ýylyň 19-21-nji maýynda Hirosima şäherinde geçiriler. Ýurduň Daşary işler ministrliginiň ýanynda sammite taýýarlyk görmek boýunça ýörite bölüm döredildi.

– Maý aýynda guraljak G7 sammitiniň esasy temalarynyň biri hem ykdysady meseleler bolar – diýip, Ýaponiýanyň ykdysadyýet ministri Ýasutosi Nisimura ABŞ-nyň Strategik we halkara barlaglar merkezinde eden çykyşynda belledi.

Ýaponiýanyň Premýer-ministri Fumio Kisida gelip çykyşy boýunça hirosimaly bolup, onuň saýlaw okrugy hem şu şäherde ýerleşýär. Ol öz şäherinde bu syýasy çäräni geçirmegiň esasy başyny başlaýjy boldy.

Şeýle-de, 16-18-nji aprelde ýurduň Karuidzawa şäherinde G7 ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň, 11-13-nji maýda Niigata şäherinde maliýe ministrleriniň we merkezi banklaryň ýolbaşçylarynyň maslahaty geçiriler. 15-16-njy aprelde Sapporo şäherinde G7 ýurtlarynyň howa, energiýa we daşky gurşaw boýunça ministrleriniň maslahaty geçiriler. Şeýle hem Nagasaki şäherinde G7 ýurtlarynyň saglygy goraýyş ministrleriniň, Okaýama prefekturasynyň Kurasiki şäherinde zähmet ministrleriniň, şol prefekturanyň Miýazaki şäherinde oba hojalygy ministrleriniň maslahatlaryny geçirmek barada ylalaşyldy.

Premýer-ministr Fumio Kisida G7-ä başlyklygynyň öňüsyrasynda 9-12-nji ýanwar aralygynda Fransiýa, Italiýa, Beýik Britaniýa, 12-nji ýanwarda Kanada, 12-13-nji ýanwarda ABŞ-a sapar edip, bu ýurtlaryň ýolbaşçylary bilen ikitaraplaýyn gepleşikler geçirdi. Şeýle hem 11-nji ýanwarda Waşingtonda iki ýurduň goranmak we daşary işler ministrlikleriniň ýolbaşçylarynyň arasynda 2+2 ýygnagy geçirildi.

G7 Beýik Britaniýa, Germaniýa, Italiýa, Kanada, Fransiýa, Ýaponiýa we ABŞ ýaly ýurtlary birleşdirýän resmi däl halkara bileleşikdir. Şu ýylky sammite Beýik Britaniýanyň Premýer-ministri Rişi Sunak we Italiýanyň Premýer-ministri Jorji Meloni ilkinji gezek gatnaşar. Bilermenleriň aýtmagyna görä, syýasy çäräniň Hirosimada geçirilmegi Ýaponiýanyň ýadro ýaragsyzlanmak meselesinde işjeň orny eýelemek isleýändigini görkezýär. Bu ýedi ýurt dünýä ilatynyň 10%-ini, dünýä ykdysadyýetiniň ýaryna golaýyny emele getirýär.



# ILKINJI ÝÜZÝÄN STG TERMINALY

**Suwuklandyrylan tebigy gazy kabul etmek üçin niýetlenen ýüzýän terminal Finlýandiýa geldi. Bu regazifikator gämisi ýurduň günortasyndaky Inkoo portunda ulanylar. Bu toplum Estoniýa bilen bilelikde ABŞ-nyň kompaniýasyndan 10 ýyl kärendesine alyndy. Gämi tankerlerden suwuklandyrylan gazy kabul edensoň, ony gaýtadan gaza öwrüp, turbageçirijilere berer. Finlýandiýanyň import edilýän gaza bolan zerurlygy Ýewropa ýurtlarynyň köpüsine garanyňda, az mukdarda bolup, esasan, senagat pudagynda ulanylýar. Bu maksat üçin ýüzýän terminalyň üpjünçilik kuwwaty ýeterlik bolar. Inkoo terminalyndan gazyň bir bölegi «Balticconnector» turbageçirijisi arkaly Estoniýa iberiler.**

# BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň täze düzümi

**BMG-niň ştab-kwartirasynda Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik däl bäş agzasynyň baýdaklary galdyryldy. Şu ýylyň 1-nji ýanwaryndan Malta, Mozambik, Şweýsariýa, Ekwador we Ýaponiýa BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik däl agzalary hökmünde öz orunlaryny eýelediler. Olaryň iş möhleti iki ýyl.**

**Howpsuzlyk Geňeşi 15 döwletden ybarat bolup, Russiýa, Hytaý, ABŞ, Beýik Britaniýa we Fransiýa ýaly bäş ýurt Geňeşiň hemişelik agzalarydyr. Geňeşiň hemişelik däl 10 agzasy iki ýyllyk möhlete saýlanýar. Olaryň bäşisi her ýyl çalşylýar. Dalaşgärler bäş sebit topary bolan Afrika, Latyn Amerikasy we Karib deňzi, Gündogar Ýewropa, Aziýa-Ýuwaş ummany sebiti, Günbatar Ýewropa we beýleki döwletler tarapyndan hödürlenýär.**

**Malta, Mozambik, Şweýsariýa, Ekwador we Ýaponiýa 2021-nji ýylda saýlanan Albaniýa, Gabon, Gana, Braziliýa we Birleşen Arap Emirlikleri ýaly Geňeşiň hemişelik däl agzalaryna goşuldy. Täze saýlanan hemişelik däl agzalar Hindistanyň, Irlandiýanyň, Keniýanyň, Meksikanyň we Norwegiýanyň ornuny tutdy.**

**BMG-niň Düzgünnamasyna laýyklykda, Howpsuzlyk Geňeşi halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek üçin esasy jogapkärçiligi öz üstüne alýar. Bu BMG-niň ýeke-täk guramasy bolup, onuň kararlary guramanyň ähli**



**agzalary üçin hökmany häsiýete eýedir. Howpsuzlyk Geňeşinde resmi taýdan baýdak galdyrmak dabarasy BMG-de täze girizilen düzgün bolup, ilkinji gezek 2018-nji ýylda Gazagystanyň başlangyjy boýunça ýola goýuldy.**

# Las-Wegasda CES-2023 sergisi geçirildi

5-8-nji ýanwar aralygynda ABŞ-nyň Las-Wegas şäherinde guralan elektronika sergisinde (CES) sürüjisiz emeli aňly traktor, «akylly» gapy, krowat we beýleki müňlerçe tehnologik täzelikler görkezildi. Newada ştatynyň Las-Wegas şäherinde 10 müňlerçe senagat wekillerini bir ýere jemlän bu sergi her ýyl geçirilýär. CES sergisi COVID-19 çäklendirmeleri döwründe wirtual görnüşde geçirilipdi.

Bu ýylky sergä «Google», «Meta», «Intel», «Lenovo», «TikTok» ýaly 2,3 müňden gowrak kompaniýa gatnaşyp, şolardan 800-si startap. Täzelikleriň arasynda meşhur markaly elektroulaglar, ykjam proýektor, «görünmeýän» gulaklyklar bar. Göze gelüwli täzelikleriň arasynda bedeniň gurluşyna görä sazlanýan «akylly» krowat, ses buýruklaryny ýerine ýetirýän aşhana krany, «akylly» öý tehnologiýasy esasynda gurlan gapy we beýlekiler bar.




Kameralar we emeli aň ulgamy bilen enjamlaşdyrylan sürüjisiz traktor hem kölperiň ünsüni özüne çekdi. Bu oňa päsgelçiliklerden sowlup geçip, meýdan işlerini ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär, traktoryň sürüjisi bolsa, smartfon arkaly öňünde goýlan wezipelere gönükdirýär. Nemes kompaniýalary sensorlaryň we robotlaryň ýardamy bilen ýokary tehnologiýaly dökün paýlaýyş ulgamyny, şeýle hem täze elektrik ekskawatoryny hödürlediler. Mundan başga-da, Germaniýanyň awtoulag pudagynyň innowasiýa mümkinçilikleri görkezildi. Esasanda, Mýunheniň BMW awtoulag kärhanasynyň wekilleri, düwmä basylanda reňkini üýtgedýän futuristik awtoulag bilen bu ýere gelenleri geň galdyrdylar.

Elektron sergisiniň taryhy 1967-nji ýyla uzap, 1995-nji ýyldan bäri bolsa diňe Las-Wegasda geçirilýär. Bu ýyl sergide 44 ugur boýunça täzelikler görkezildi.

# FAO: azyk önümleriniň bahasy arzanlaýar

2022-nji ýylyň dekabrynda dünýäde azyk önümleriniň bahasy noýabr aýy bilen deňeşdirilende 1,9% arzanlap, 132,4 bala deň boldy. Azyk önümleriniň halkara bahalarynyň aýlyk üýtgemelerine gözegçilik edýän Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we Oba hojalygy guramasy (FAO) bahalaryň yzly-yzyna dokuz aý bäri arzanlamagyny dowam etdirýändigini we bahalaryň indeksiniň bir ýyl ozalky bahasyndan 1% peselýändigini habar berdi.

Şeýle-de bolsa, 2022-nji ýyldaky görkeziji ortaça 143,7 bala deň bolup, 2021-nji ýyldaky bilen deňeşdirilende 14,3% ýokarlandy. Dekabr aýynda bahasy arzanlan azyk önümleriniň arasynda galla (-1,9%) we et (-1,2%) önümleri bar. Munuň sebäbi günorta ýarym şarda bol hasylyň alynmagy bilen bugdaýyň eksport üpjünçiligini artdyrmaga mümkinçilik berendigi bolup, Braziliýanyň bolsa, mekgejöweniň dünýä bahalarynyň arzanlamagyna goşant goşandygy aýdylýar. Etiň bahasynyň görkezijisi, esasan,




sygyr we guş etiniň dünýä bahalarynyň arzanlygy bilen kesgitlenildi.

Şol bir wagtyň özünde, dekabr aýynda süýdüň bahasynyň görkezijisi 1,2%, şekeriň bahasynyň görkezijisi noýabr aýy bilen deňeşdirilende, 2,4% ýokarlandy. Bu ýagdaý, esasan, amatsyz howa şertleriniň Hindistanda ekine ýetiren täsiri we Tailandda we Awstraliýada gant şugundyryny gaýtadan işlemegiň gijikdirilmegi bilen düşündirilýär.

Umuman alanyňda, FAO-nyň hünärmenleri azyk önümleriniň bahasynyň peselmeginiň oňyn özgerişligine garamazdan, köp önümleriň bahasynyň ýokary derejede bolmagynda galýandygyny belleýärler. Şeýlelikde, bugdaýyň we mekgejöweniň dünýä bahalary geçen bir ýylda rekord derejä ýetdi. FAO-nyň wekilleriniň bellemegine görä, ösümlik ýagynyň bahasynyň 2022-nji ýyldaky ortaça bahasy hem täze rekord derejä ýetdi. FAO-nyň beýanatynda süýt önümleriniň we etiň ortaça ýyllyk bahasy 1990-njy ýyldan bäri iň ýokary derejä ýetdi.

# TÄZE TAPYLAN JANDARLAR

**Biologlar ylmy klassifikasiýanyň soňky 250 ýylynda ösümliklerdir jandarlaryň 1,2 million töweregi görnüşini tapdylar we mälim etdiler. Şeýle-de bolsa, ýylyň ýylyna fauna we flora dünýäsinde ýaşap ýören «nätanyş» görnüşleriň üstünden barylýar we köpçülige tanyşdyrylýar. Biz hem gazetimiziň şu sanynda 2022-nji ýylda ýüze çykarylan täze jandarlar baradaky maglumatlary size ýetirýäris.**



**Älemgoşar balygy.** Gözlegçiler bu ýalpyldawuk balygy ilkinji gezek 1990-njy ýyllarda gördüler we ykrar edilen görnüşleriň biri hökmünde kesgitlediler. Ýöne geçen ýylyň mart aýynda geçirilen derňewlerde bu «ýüzüjiniň» aýratyn görnüşdigi, ýagny «Labridae» balyklar maşgalasynyň «Cirrhilabrus finifenmaa» görnüşidigi ýüze çykaryldy. «Gül bilen örtülen gabyk» ady bilen tanalýan bu balyklar Maldiw adalaryndaky deňiz gaýalarynda ýaşaýar. Älemgoşar balygy açyk gyzyl-mämişi reňkde öwşün atyp, ýüzgüçleri (torç) sary ýa-da gyrmyzy bolýar. Bu balyklar möwsümleýin hem-de ýaşyna görä reňkini üýtgedýärler.



**Daş gurbaga.** Kiçijik gurbagalaryň täze tapylan bu görnüşi uçly burny, reňki hem-de daş ýaly doňup durmagy bilen tapawutlanýar. Daş gurbaga «Microhylidae» gurbagalar maşgalasynyň bir bölegi bolup, goňur reňkde bolýar. Käte sary ýa-da mämişi tegmilli görnüşleri hem duş gelýär. «Garri Potter» hakyndaky kitaplardyr filmlerde «şokolad gurbagalary» ady bilen tanalýan bu jandarlar Amazon tokaýlygynda, Putumaýo derýasynyň kenaryndaky klusiýa agaçlarynyň düýbünde ýaşaýarlar. Uzynlygy 17-18 millimetre ýetýän daş gurbagalar gününi dymyp geçirip, käwagt olaryň sesini eşitmek bolýar.



**Teňňeli hažžyk.** Meksikanyň daglyk sebitlerinden tapylan bu süýreniji endemik häsiýete eýe bolup, «Sceloporus huichol» diýip atlandyrylýar. Kiçijik süýreniji daşyndaky teňňeli örtük hem-de çalymtyl-gara reňki bilen hažžyklaryň beýleki görnüşlerinden tapawutlanýar.



**Täsin baýguş.** Afrikanyň Gwineýa aýlagyndaky kiçijik Prinsip adasynda gözleg işleri geçirilende baýguşuň «Otus bikigila» atly täze görnüşi tapyldy. Sanynyň 1 müň 500 töweregi bardygy çaklanylýan bu guşlar azalyp barýan guşlaryň hatarynda görkezilýär.

**Günorta ýaltasy.** Häzirki wagtda 5 müň töweregi süýdemdiriji aýratyn görnüş hökmünde kabul edilen hem bolsa, daşky görnüşi taýdan meňzeş bolan käbir jandarlar tapawutlandyrmak kynçylygyny döredýär. Şeýle jandarlaryň biri hem «Bradypus crinitus» bolup, dünýäniň iň haýal hereketli jandary leniwsä meňzeýär. Gaňyrçak şekilli üç dyrnakly bu jandarlar Braziliýanyň tokaýlarynda duş gelip, kelle süňküniň tekizdigi bilen beýleki görnüşden tapawutlanýar. Mundan öň günorta ýaltasyna meňzeş leniwsyň demirgazykda duş gelýän görnüşi ýüze çykarylypdy.



**Gyzyl salamander.** Gözlegçiler Panamanyň we Kosta Rikanyň serhedinde ýerleşýän «La Amistad» halkara seýilgähinden adaty bolmadyk gyzyl salamanderi (salamander – ýerde, suwda ýaşap bilýän, gysga aýakly, uzyn guýrukly hažžyga meňzeş süýreniji) tapdylar. Ömrüni suwda geçirýän bu süýreniji diňe reňki bilen däl, eýsem, arka we öň aýaklarynda membranalaryň bolmagy, şeýle hem ýokarky dişleriniň köpelýändigi bilen ot iýýän beýleki salamanderlerden tapawutlanýar.



**Saçbagly ýylan.** Zäheri öte güýçli däl ýylanlaryň täze bir görnüşi bolan «Phalotris shawnella» Günorta Amerikada ýüze çykaryldy. Boýnunda sary halkasy bolan bu süýreniji gyzyl we gara çyzykly menekleri bilen tapawutlanyp, rezinden ýasalan oýnawaja meňzeýär.



**Tüýli leňňeç.** Awstraliýanyň kenarlaryndan tapylan «ýumşak» leňňeçler gözlegçileri gyzyklandyran deňiz jandarlarynyň biri boldy. Daşyndan göräýmäge ösüp oturan deňiz otuna meňzeýän bu jandarlara aw awlamakda bedenindäki tüý örtügi ýardam edýär.



**Bambuk möýi.** Tailandly tebigaty öwreniji Joço Sippawat öýüniň golaýynda nätanyş bir möýi görüp, tebigaty öwrenijilere habar berýär. Şeýlelik bilen möýüň tarantulalar maşgalasynyň täze bir görnüşi – bambuk möýi ýüze çykarylýar. Bu örmeçiler bambuk agajyndaky çukurjyklarda ýaşaýarlar. Möýüň bu görnüşiniň sanynyň azdygy bambuk tokaýlarynyň möçberi bilen düşündirilýär.



# BÜTINDÜNÝÄ GAR BAÝRAMÇYLYGY



Her ýylyň ýanwar aýynyň üçünji ýekşenbesinde Bütindünýä gar güni bellenilip geçilýär. Gyş paslynyň bezegi bolan garyň ýagmagy köpçülikleýin şatlyk-şowhuna beslenip, sowuk howada oýunlar oýnalýar, gyşky sport görnüşleri bilen meşgullanylýar. 1910-njy ýylda Halkara lyža federasiýasy (FIS) tarapyndan Bütindünýä gar güni yglan edilýär. Häzirki wagtda 180-den gowrak sport klubuny öz içine alýan bu gurama gar baýramçylygyna bagyşlap lyža, snoubord ýaryşlaryny geçirýär. Gar baýramçylygy, esasan, körpeleriň iň gyzykly gyşky güýmenjesi bolup, garda taýmak bilen bir hatarda, söýgüli tagamy bolan gardan ýasalan doňdurmalardan lezzet alýarlar. Bütindünýä gar gününe bagyşlanyp gar adamdyr globuslar ýasalýar, şeýle hem kagyzdan gar tozgajyklary taýýarlanylýar.

# Kelemiň saglyga peýdasy



Kelem özüne çekiji bakja önümi bolmasa-da, beden üçin gerekli bolan maddalara baýdyr. Kelemiň iň köp ýaýran görnüşi ýaşyl kelem bolup, gyzyl, ak we gyrmyzy görnüşleri hem bar. Bu bakja önüminiň immuniteti güýçlendirmekden başlap, iýmit siňdirişi gowulandyrmaga çenli birnäçe peýdasy bar. Kelemiň ter ýapraklaryndan birnäçe görnüşli çorba, işdäaçar, tiz taýýar bolýan tagamlar we başga-da içimlikler taýýarlanýar. Terligine ýa-da gowrulyp iýlende bu bakja önümi has-da peýdalydyr. Bir şakäse dogralan kelemde ortaça 22 kaloriýa bolup, düzüminde C, K witaminini, belok we süýüm saklaýar. Geçirilen barlaglaryň netijesinde kelemiň adam saglygyna nähili täsir edýändigi ýüze çykaryldy. Olar şulardan ybarat:

**Immuniteti güýçlendirýär.** Bu bakja önümindäki askorbin kislotasy hem diýilýän C witamini kollagen ýasamaga kömek edýär we immuniteti güýçlendirýär.

**Iýmit siňdirişini gowulandyrýar.** Fitosterollar (ösümlik sterollary) we eräp bilmeýän süýüm bilen gaplanan kelem iýmit siňdiriş ulgamynyň işini ýeňilleşdirip, içegedäki hereketleri yzygiderli sazlamaga kömek edýär. Bilermenler artykmaç agramdan dynmak isleýän adamlara hem kelem iýmegi maslahat berýärler.

**Çişmäniň öňüni alýar.** Kelemiň düzümindäki antioksidantlar bolan antosýaninler çişme howpuny azaldyp, birnäçe keselleriň döremek howpunyň öňüni alýar.

**Ýüregi goraýar.** Alymlar kelemde dürli antosýaniniň 36-synyň bardygyny ýüze çykardylar. Antosýaninler çişme howpunyň öňüni almak bilen bir hatarda, ýürek bilen bagly töwekgelçilikleri azaltmaga ýardam edýär. Kelem ýürek-damar ulgamynyň saglygyny goramak üçin peýdaly iýmitleriň biridir.

**Gan basyşyny peseldýär.** Kaliý gan basyşyny gözegçilikde saklamaga kömek edýän mineral we elektrolit bolup, bu madda, esasan, gyzyl kelemde köp mukdarda saklanýar.

**Holesterini peseldýär.** Kelemiň düzüminde arteriýada döräp biljek gaýra üzülmeleriň öňüni alýan süýüm we ösümlik sterollary bolup, holesteriniň derejesini peseltmäge ýardam edýär.

**Süňki berkidýär.** Kelemdäki K witamini oňurga süňklerinde döreýän osteoporoz keseliniň öňüni alyp, gan damarlarynyň we ganyň kadaly ýagdaýda bolmagyny sazlaýar.

**Düwnük keseliniň öňüni alýar.** Alymlar kelemiň ýapragynda düwnük keseliniň öňüni alyp biljek fitokimiki maddalaryň bardygyny anykladylar. Antioksidantlar we glýukozinolatlar ýaly ösümlik birleşmelerini, şeýle hem kükürdi öz içine alýan bu himiki maddalar iýmit siňdiriş döwründe düwnük keseline garşy göreşmäge hem-de bedeni arassalamaga kömek edýär.

# ÇAGALAR

✓ «ArtScience» muzeýinde umumy meýdany 6 müň inedördül metre barabar bolan 21 galereýa meýdançasy bar.

(erteki)



## Towşanjygyň pirimi

Ir zamanlarda giden jeňňeliň içinde haýwanlar topar tutup, agzybirlikde ýaşapdyrlar. Emma günleriň bir güni başga bir jeňňelden gelen hyrsyz arslan bu ýerdäki ähli janly-jandarlary awlamakçydygyny aýdyp, jeňňeliň içinde agaýana ýaşap başlapdyr. Aý-günler geçip, tokaýdaky haýwanlaryň sany dura-bara azalmak bilen bolupdyr. Hatda iň ýyndam jandarlar hem arslanyň penjesinden sypmandyr.

Bir gün jeňňeliň ähli janly-jandarlary bir ýere jemlenip, öz aralarynda maslahat edipdirler-de gelen kararlaryny habardar etmek üçin özüni jeňňeliň hojaýyny saýýan ýaňky arslana ýüz tutupdyrlar.

– Görşüňiz ýaly, biziň sanymyz şeýdip azalyp gidip oturjak bolsa, jeňňel boşap galar. Onsoň senem iýmäge zat tapman, başga jeňňeliň gözleginde bolmaly bolarsyň. Biziň gelen kararymyz-a şeýle. Biz saňa gündelik iýjek iýmitiňi ugradyp duraly. Şonuň üçin iň gowusy sen mesgen tutan gowagyňdan çykma – diýipdirler.

Arslan bu teklip bilen ylalaşyp, gowagynda ýatyberipdir. Şeýdip günde bir haýwan arslanyň gowagyna gelipdir. Tizara nobat kiçijik towşana-da ýetýär. Akylly towşan arslanyň ýanyna barmazdan ozal pirim gurap, jeňňeliň eýesini duzaga düşürmegi ýüregine düwýär. Ýaňky towşan arslanyň özüne sabyrsyzlyk bilen garaşýandygyny, içiniň eljuk diýýändigini we gahar-gazabynyň çeniniň-çakynyň ýokdugyny bilýärdi. Ol jeňňeliň içindäki gowaga kellesini sokup-sokmanka arslan towşanyň üstüne arlap başlaýar.

– Ýeri, näme üçin wagty bilen gelmediň? Ýogsa-da näme üçin maňa dynnym ýalyjak towşan ugratdylar? Sen meniň garnymy doýurjak zat däl ahyryn. Beýtjek bolsaňyz, men häziriň özünde jeňňele aralaşyp, baryňyzy tike-tike ederin – diýip, abaý urup başlaýar.

Towşan sowukganlylygy saklap:

– Biz seniň ýanyňa ugranymyzda alty towşandyk. Ýöne ýolda bize has güýçli bir arslan gabat gelip, bäşimizi bir demde ýalmap goýberdi. Haçan-da ol meniň bokurdagyma ýapyşanda, men oňa goýbermegini, has güýçli hojaýynymyzyň bardygyny aýdyp ýalbardym. Ol bolsa maňa: «Beýle bolsa haýal etmän şol hojaýynyňa häziriň özünde aýt. Yzyna ýel çalmanka meniň mesgen tutan jeňňelimden garasyny saýlasyn. Ýogsam, men onuň bilen haklaşaryn» diýdi-de penjesini gowşadyp, meni seniň ýanyňa ýollady – diýip, arslana naýynjar bakýar.

Bu sözlere güpbe ynanan arslanyň gazaby ýetjek derejesine ýetip, gahardan ýaňa jeňňele sygman:

– Häziriň özünde meni şol arslanyň ýanyna äkit. Men onuň gözüne kimdigimi görkezerin – diýip, bar güýji bilen arlaýar.

Şeýlelikde, towşan ony içi suwly çuňňur guýa alyp gelýär.

Towşan gazaply arslana garap:

– Ine, şol diýilýän batyra şu guýynyň düýbündäki gowakda ýaşaýar – diýýär.

Arslan guýynyň içine kellesini uzadanda, suwdaky keşbine gözi kaklyşýar. Suwdaky keşbi has aýdyňlaşansoň, biakyl arslan oňa hakykydyr öýdüp has-da gaharlanyp arlap ugraýar. Guýuda ýaňlanan arryldy hem yzyna öwrülip, özüne gelýär. Arslan muňa has-da möwjeýär. Kellesi gyzan arslan guýudaky «arslan» bilen garpyşmak üçin guýa bökenini bilmän galýar. Arslan guýynyň içine gaçyp, suwa gark bolýar. Ganygyzma, doýmaz-dolmaz arslany guýa gaçyran akylly towşanjyk bolsa yzyna dolanyp, jeňňeliň jandarlary bilen agzybirlikde ýaşaberýär.



Labirint

Özüň reňkle!



## Singapuryň «ArtScience» muzeýi











Singapuryň merkezinde ýerleşýän «ArtScience» muzeýi 2011-nji ýylda açylyp, sungaty, ylmy, medeniýeti we tehnologiýany birleşdirýän medeni ýadygärlik hasaplanýar. Lotos gülüne meňzedilip gurlan bu muzeý Singapurda hökmany baryp görmeli ýerleriň biridir. Bu ýerde, esasan, çagalar üçin gezelençler we sergiler guralýar. Ýerli halkyň arasynda «Singapuryň hoşniýetli eli» diýlip atlandyrylýan bu bina eliň aýasy ýaly tegelek bölekden, 10 «barmakdan» ybarat. Her barmagyň ujunda reňkli yşyklandyryş şöhlesi bolup, ol muzeýiň gijeki gözelligini artdyrýar. Asmandan inýän ýagyş suwy jam şekilli üçekde ýygnanyp, binanyň merkezinden iň aşaky gatynda ýerleşýän howuza akdyrylýar. Bu bolsa 7 metr belentlikdäki özboluşly şarlawugy emele getirýär. «ArtScience» muzeýinde umumy meýdany 6 müň inedördül metre barabar bolan 21 galereýa meýdançasy bar. Bu ýerde çagalara 16 interaktiw sungat gurnamalaryny hödürleýän 4 bölümde: tebigat, şäher, seýilgäh we kosmos bölümlerinde gezelençler, gyzykly başdangeçirmeler garaşýar. Tebigat bölüminde älem planetalarynyň, janly-jandarlaryň, ösümlikleriň hereketleri esasyndaky üç ölçegli şekiller görkezilýär. Bularyň arasynda iň gyzyklysy «Miwe meýdany» bolup durýar. Şäher bölüminde ata-eneler bilen çagalaryň arasyndaky mähir-söýgi, çagalaryň ösüş aýratynlyklaryny beýan edýän wirtual oýunlar gurnalýar. Seýilgäh bölüminde dynç alyş çäreleri geçirilip, tebigaty goramaga degişli slaýdlar görkezilýär. Kosmos bölümi çagalaryň iň söýgüli meýdançasy bolup, bu ýerde 170 müňden gowrak LED çyrasy kosmos giňişligini janlandyrýar. Özüňi ýyldyzlaryň arasynda ýaly duýup bolýan bu meýdança edil jadyly düýşe meňzeýär.

Muzeýde hemişelik eksponatlardan Leonardo da Winçiniň birnäçe eserleri, şolaryň arasynda «Ganatly uçýan maşyn» surat taslamasy, kongming çyralary, ýokary tehnologiýaly robot balygy, şeýle hem kosmos tehnologiýasynda, sungatda we ylymda gazanylan üstünlikleri görkezýän galereýa meýdançalary bar. Mundan başga-da bu ýerde fizika, robotika, paleontologiýa, deňiz biologiýasy we kosmos gözlegleri ýaly ylmyň dürli ugurlaryny açyp görkezýän interaktiw sergiler hem guralýar.

## GAÝYBANA SYÝAHAT



«Dost – dostuň aýnasy»

## SÖZI MANYSY BILEN ÖWRENELIŇ!

Ata-babalarymyzyň adamy tanamak we dostluk bilen baglanyşykly döreden bu nakylynda adam häsiýeti hakynda gürrüň edilýär. Birini tanamakçy bolsaňyz, ilki bilen onuň dostunyň kimdigini bilmeli. Sebäbi dostluk köp babatda meňzeş häsiýetleriň arasynda guralyp, biri-birine täsirini ýetirýär. Muňa ugurdaş manyda «Gawun gawundan reň alar, reň almasa – heň alar» diýen nakyly mysal getirmek bolar. Aýna adamyň daş keşbini görkezýän esbap bolup, bu nakylda dostlukly gatnaşykda bolan adamlaryň biri-biriniň häsiýetini, edep-terbiýesini görkezýändigi beýan edilýär. Şol sebäpli dost tutunanyňyzda şahsy bähbitlere däl-de, dostlaşjak adamyňyzyň gylyk-häsiýetine we endigine serediň! Sebäbi dostuňyz sizi suratlandyrýan «aýnadyr».





5 tapawudy tapyň!



# «Körpe gelin» gülki paýlaýar

*Ýurdumyzyň teatrlarynyň döredijilik toparlary diňe bir milli eserlerimize ýüzlenmän, eýsem, daşary ýurtly dramaturglaryň eserlerini hem sahnalaşdyryp, tomaşaçylaryň hoşallygyny gazanýarlar. Şeýle eserleriň biri hem ýurdumyzyň Magtymguly adyndaky Milli sazly drama teatrynda özbek ýazyjysy Nurullo Abboshonyň pýesasy esasynda goýlan «Körpe gelin» atly gülküli sahna oýnudyr. Körpe gelniň keşbini döreden Türkmenistanyň at gazanan artisti Bägül Halykowa bilen söhbetdeş bolup, ony okyjylar köpçüligine ýetirmegi makul bildik.*

**– Bägül, söhbetdeşligimiziň başyny sungat älemine gelşiňizden başlaýalyň?**

– Men 1977-nji ýylda Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherinde dünýä indim. Orta bilimi ilki şäherimizdäki 30-njy, soňra bolsa 33-nji orta mekdepde aldym.

Mekdepde, esasan, edebiýat sapagyna gyzyklanyp, çeper höwesjeňler gurnagyna-da, hor toparyna-da gatnaşýardym. Aýdym aýdýardym, tans edýärdim, çeper okaýyşlary okap, gysgajyk sahnalarda çykyş edýärdim. Bu ugurda meni enem-atam goldaýardy. Ejem Roza Atabaýewa öňki Medeni aň-bilim tehnikumyny tamamlap, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet drama teatrynda köp ýyl zähmet çekdi. Kakam Türkmenistanyň at gazanan artisti Kadyr Atabaýew Moskwa şäherindäki Lunaçarskiý adyndaky Döwlet teatr institutyny tamamlap, Seýitnazat Seýdi adyndaky Türkmen döwlet drama teatrynda işleýärdi.

Meniňem artist bolmagyma enem-atam sebäp boldy. 1994-nji ýylda orta mekdebi tamamlamsoň, Türkmen döwlet medeniýet institutynyň drama we kino artisti bölümine resminamalarymy tabşyryp, döwlet synaglaryndan geçip, sungat älemine aralaşyp başladym.

**– Bägül, talyplyk ýyllaryňyzy ýatlamak hem ýakymly bolsa gerek.**

– Elbetde, institutda toparymyzyň ýolbaşçysy, Türkmenistanyň halk artisti Oguldurdy Mämmetgulyýewa boldy. Men Oguldurdy halypadan aktýor ussatlygyndan köp zatlary öwrendim. Ol her bir zady ürç edip düşündirerdi. Şony doly özleşdireniňe gözi ýetmese-de, baha goýmazdy. Onuň synagyndan geçäýmek gaty kyndy. Halypadan alan sapaklarym sahnada şowly çykyş etmegime ýardam edýär. Şonuň ýaly-da, halypalar – Türkmenistanyň at gazanan artisti Oguljan Nyýazberdiýewa, Öwliýaguly Kulyýew, Durdy Nyýazow dagydan teatr, sahna durmuşy barada köp zatlary öwrenmek miýesser etdi. Institutda biz toparymyz bolup birnäçe sahna oýnuny sahnalaşdyrdyk. Şeýdip 1998-nji ýylda instituty oňat bahalar bilen tamamladym.









**– Ýokary okuw mekdebini tamamlap ýaş hünärmen hökmünde sungat äleminde ilkinji äden ädimiň barada-da gürrüň beräýseňiz?**

– Ýokary bilimli hünärmen hökmünde ilkinji ädimim Lebabyň Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet drama teatry boldy. Bu teatryň sahnasynda maňa ýaş hünärmen hökmünde ilkini gezek «Kime jaý gerek, kime-de Aý» atly sahna oýnunda Mahymyň, «Yşk – Allanyň gudraty» sahna oýnunda şa gyzynyň keşbini janlandyrmagy ynandylar. 2001-nji ýylda Magtymguly adyndaky Milli sazly drama teatrynyň döredijilik topary «Şasenem – Garyp» dessany esasynda spektakl taýýarlamaga girişýär. Şol wagt kakamam şol teatrda işleýärdi. Akja keniziň keşbine meniňem synanyşyp görmegimi isledi. Men kakamyň sözüni ýykman synaga gatnaşdym. Synagdan geçip, şol keşbi döretdim. Şondan soň teatryň döredijilik toparynyň goldamagy bilen bu teatrda işläp başladym. Şondan bärem işläp gelýärin. Maňa teatryň režissýorlary yzly-yzyna keşp ynanyp başladylar. Olardan: «Soragym bar, jan ejede» Maýanyň, «Bir Selbiniň yşgyndada» Aýjemalyň, «Tumar şada» baş keşp bolan Tumar şanyň, «Gel kenara, söwer ýar» oýnunda Maýsanyň, «Söýgi rowaýatynda» Doýdugyň, soňra «Ýüpek ýolunda» Daýahatynyň, «Söýgi we sallahlarda» Bibiniň, «Talyp söýgüsinde» Gunçanyň, «Körpe gelinde» Mähribanyň keşpleri teatr muşdaklary tarapyndan gyzgyn garşylandy.

**– Bägül, halk köpçüliginiň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolan körpe gelniň, ýagny Mähribanyň keşbiniň özüňde galdyran täsiri dogrusynda aýdaýsaňyz?**

–Özbek doganlarymyzyň durmuşyndan söhbet açýan bu eser ilkibaşdan maňa ýarady. Bu oýny sahnalaşdyran Türkmenistanyň halk artisti Nury Hudaýgulyýew Mähribanyň keşbini maňa ynandy. Men munuň üçin halypa hemişe minnetdar. Näme üçindir, Mähribanyň keşbinde beýleki keşplere garanyňda has höwesli çykyş edýärin. Sebäbi bu keşp meni özüne çekýär, ol tüýs meniň öz häsiýetime gabat gelýär. Mähriban sada gyz, şol bir wagtyň özünde-de dogumly, aýagynyň aşagyndan ot çykýan edermen daýhan gyz. Başda onuň Bagtyýar bilen durmuşy başa barmaýar. Emma gaýynenesiniň berýän öwüt-ündewleri, kömek-goldawlary netijesinde durmuşlary alaýaz bolup gidýär. 2016-njy ýylda «Tumar şa» atly sahna oýnunda baş keşp bolan Tumar şanyň keşbini döretmek üçin dörtbäş artistiň içinden saýlanyp alynmagym, şonuň ýaly-da «Körpe gelin» sahna oýnunda Mähribanyň keşbini ynanmaklary hiç wagt ýadymdan çykmaz.

**– Bägül, maşgalaňyzda seniň ýoluňa eýerip, sungata köňül beren barmy?**

– Ýoldaşym Şat Halykow hem meniň bilen bir teatrda zähmet çekýär. Biziň üç gyzymyz, bir oglumyz bar. Oglumyz Hajymyrat kesbi-kärimize höwesek, ol teatrymyzda goýulýan sahna oýunlaryndaky çaga keşplerini döretmäge gatnaşýar. Gyzlarym Enetäç, Gültäç, Aýtäç teatrda ulaldylar diýen ýaly.

**– Durmuşyňda iň ýatda galan pursatlar haýsylar?**

– 2013-nji ýylda maňa «Türkmenistanyň at gazanan artisti» diýen hormatly adyň dakylmagy durmuşymda iň ýatda galan pursatlaryň biri boldy. Ýurdumyzda döredijilik işgärlerine uly hormat-sarpa goýulýar. Pursatdan peýdalanyp Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize, berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işlerinde rowaçlyk arzuw edýärin.

**Bägül, beren gürrüňleriňiz üçin sag boluň, biz hem siziň sungat maşgalaňyza bagt, saglyk we döredijilik üstünliklerini arzuw edýäris!**

*Söhbetdeş bolan*
**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Oguz han adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň hünärmeni.*

## 3-nji KROSSWORD

**Oguljennet MUHAMMEDOWA,** *Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.*



**DIKLIGINE:** **1.** «Gal diýseňde galmaýar, özi ýöräp bilmeýär» (matal). **2.** «Çyksa goşun ...-ardy bilinmez» (Magtymguly). **3.** Meşhur amerikan repçisi. **4.** Ýyl hasabynyň ulgamy. **5.** Baglaýjy kömekçi. **6.** Gerden, egin. **7.** «Otlar örer, dyza ýeter, mal doýar, Gelinleri ýaşyl geýer, ... geýer» (K. Gurbannepesow). **9.** Litriň gysga aňladylyşy. **10.** Gözedürtme garaňky. **11.** Işlik ýasaýjy goşulma. **12.** Programmirleme dili. **13.** Beden synasy. **14.** Suw saklamak üçin peliň dört töweregine galdyrylan gum, raýyş. **15.** Başarnyk, usullylyk. **18.** Sportuň bir görnüşi. **22.** Dartgynly sahna oýny. **23.** Kyssa görnüşinde ýazylýan eser. **24.** Gruziýaly garyşyk söweş sungatynyň ussady ... Jojua. **26.** Köpçülikleýin çäreler üçin bina. **28.** Iki zadyň ortasy. **29.** Milli saz guraly. **31.** Haryt satylýan söwda jaýy. **33.** Uýa (şiwe söz). **35.** Möçber, gerim. **38.** Miweli agaçlara düşüp, zyýanly kesel döredýän möjejik. **42.** Göz, göreç (köne söz). **44.** Ýaşaýyş we hojalyk bähbitleri üçin salynýan kiçiräk jaý. **46.** Guşlaryň uly ýeleginiň aşagyndan ösýän näzik ýelejik. **47.** Ynha, ine. **48.** Suwag üçin ýörite edilen palçyk. **49.** Ýurdumyzdaky gadymy şäherleriň biri. **52.** Ýurdumyzda içimlik suw öndürýän kärhana. **53.** Aýal dogan, uýa. **55.** Yza, ynjy. **56.** Uçaryň iki gapdala uzalyp gidýän bölegi. **57.** Aziýada bir dag. **59.** ...-mundan, eýleden-beýleden. **61.** Söz gatmak, birine bir zat diýmek. **62.** Agajyň berk görnüşi. **63.** Gereginden artyk. **64.** Igenç, iňirdi (köne söz). **69.** Özüňden uly erkek dogan. **71.** «Aganyň-... azary bolmaz, azary bolsa-da, bizary bolmaz» (nakyl). **73.** Söwda-satyk, täjirçilik bilen meşgullanýan adam. **75.** Reaktiw dwigatelli uçujy apparat. **76.** Okara. **78.** Ýyrtyjy jandar. **79.** Dim-..., gös-göni. **81.** Otluk meýdan, ýer. **83.** Italiýanyň paýtagty. **86.** «Olaryň içinde hyňňy-... etjek bolanlaryňam ýoguna çekäýýärdi» (Türkmen halk ertekisinden). **88.** Hemişekisi ýaly bolup duran, öwrenişilen. **90.** «.... taýak deger» (atalar sözi). **91.** Suwuklyk guýulýan bokurdakly süýri demir gap. **92.** Arassa, päk. **94.** Dogry däl, ýalan. **95.** Organiki birleşme. **96.** Ownuk bolmadyk, uly. **99.** Himiki element. **100.** Nyrh.

**KESELIGINE:** **1.** Ýurdumyzda bir goraghana. **8.** Ýurdumyzda gadymy ýadygärlik. **16.** «Agaryp ...-de düşme, garalyp soňada galma» (nakyl). **17.** «Hakyky» sözüniň iňlisçesi. **19.** Gadymy eserlerde duş gelýän derýa. **20.** Dodak (köne söz). **21.** Koreýa Respublikasyndan aktýor ... Jong Suk. **22.** «Hawa» sözüniň rusçasy. **23.** Wengriýaly fizik ... Lenard. **25.** Söz ýasaýjy goşulma. **27.** Fransiýanyň uly şäherleriniň biri ...-man. **28.** «... tapylar, meýdan tapylmaz» (nakyl). **30.** Himiki birleşme. **32.** Nota. **34.** Ýurdumyzda çap edilýän žurnal. **36.** «Ala garga ... gelmez» (nakyl). **37.** Içine pagta, ýelek we ş.m. salnyp tikilýän kiçiräk insiz düşek. **39.** Maý, çeme. **40.** Bir zadyň düýbi, esasy. **41.** Öýke-.... **43.** Gyza dakylýan at. **45.** Kakaň kakasy. **46.** Şaýylyk pul (köne söz). **48.** Nota. **50.** Orta gürp, ortaça. **51.** Ýamaşgan, täzeden. **52.** Ynha, ine. **54.** Müşk ýaly ýakymly ysly jisim. **56.** Bedeniň eginden eliň tä barmaklaryna çenli bolan aralygy. **58.** Aýaga geýilýän örme trikotaž ýa-da ýüňden örülýän önüm. **60.** Gar, ýagyş görnüşinde ýagýan ýagyn. **62.** «Tak-tak etdim, ... iýdim, pök-pök etdim, böwrek iýdim» (Türkmen halk ertekisinden). **64.** Irmek, halys bolmak. **65.** «... azyk bilen tutarlar, adamy – söz bilen» (nakyl). **66.** Ýokary dini bilimi bolan adam, sowady güýçli uly molla. **67.** «Yşk bilen açylan bir ... gül sen» (Magtymguly). **68.** Giň däl. **70.** Miwe. **72.** Çörek önüminiň bir görnüşi. **74.** Balyk tutmak üçin gural. **77.** «Atda ..., itde burun» (nakyl). **80.** Gurluşygyň daýanç hökmündäki esasy, düýbi. **82.** Daşary ýurt gyz ady. **84.** ...-baýram, köpçülikleýin baýramçylyk gezelenjini etmek. **85.** Gapy. **87.** Oba hojalyk enjamy. **89.** Sorag çalyşmasy. **90.** Aýdyň, subut edilen. **91.** Ümlük. **93.** Alada, gözegçilik. **96.** Ýara. **97.** Binalaryň dik galdyrylan taraplary. **98.** «... meni zora düşüp barýandyr hyýal etmesin» («Görogly» eposyndan). **101.** Derýa ýakalarynda, ýap boýlarynda ösýän agaç. **102.** Ýat, keseki. **103.** Ýewropada bir döwlet. **104.** Iç. **105.** Hala, keçä, gelin-gyzlaryň geýimlerine goçuň şahyna meňzedilip salynýan nagyş. **106.** Suwulgana meňzeş kiçijik ala reňkli süýreniji. **107.** «Agajy ... jüre bolsa, miwesi hem şo jüre» (nakyl). **108.** Ýeriň hemrasy. **109.** Iň uzyn derýa. **110.** Bedew. **111.** Küşt oýnunyň esasy maly.

1-nji krosswordyň jogaby:



2-nji krosswordyň jogaby:



1-nji skanwordyň jogaby:





Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

## Transfer täzelikleri



Urugwaýyň «Nasional» toparyndaky şertnamasy tamamlanan ýyldyz hüjümçi, «Aýaks», «Liwerpul», «Barselona», «Atletiko» ýaly klublarda çykyş eden Luis Suares Braziliýanyň «Gremio» toparyna geçip, 35 ýaşyndaky oýunçy porto alegrililer bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy.

Horwatiýaly goragçy Deýan Lowren Russiýanyň «Zenit» toparyndan Fransiýanyň «Lion» klubuna transfer bolup, 33 ýaşyndaky oýunçy täze kluby bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy we ol ýyllyk 2 million ýewro hak alar.

Italiýanyň «Milan» kluby Paragwaýyň «Guarin» toparynyň 24 ýaşyndaky kolumbiýaly derwezeçisi Dewis Waskesi transfer edip, onuň bilen 2026-njy ýylyň tomsuna çenli şertnama baglaşdy.

«Premier Liganyň» wekili «Lids» kluby Awstriýanyň «Red Bull Salsburg» toparynyň ýerli futbolçysy Maksimilian Weberi 4 ýyllyk şertnama bilen düzümine goşdy we 24 ýaşyndaky ýarymgoragçynyň transfer tölegi hökmünde-de salsburglylara 11 million funt sterling berer.

Germaniýanyň «Bawariýa» topary «Aýaks» bilen şertnamasyny ýatyran 32 ýaşyndaky niderlandlarly goragçy Deýli Blindi möwsümiň ahyryna çenli erkin agent ýagdaýynda düzümine goşdy (2-2,5 million ýewro hak alar).

«Premier Liganyň» «Aston Willa» kluby Betisiň 29 ýaşyndaky ispaniýaly goragçysy Aleks Morenony 14 million ýewro transfer edip, oýunçy bilen 3,5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

Bir döwürler «Roma», PSŽ ýaly klublarda oýnan «Elçe» toparynyň argentinaly ýarymgoragçysy Hawier Pastore Kataryň «Katar» klubuna transfer bolup, 33 ýaşyndaky oýunçy täze topa-



rynda 7-nji belgili köýnekçäni geýer.

Braziliýanyň «Flamengo» topary 2021-nji ýylda «Marsele» ugradan 25 ýaşly brazil ýarymgoragçysy Žerson Santos Da Silwany 20 million ýewro töläp, yzyna transfer etdi.

«Premier Liganyň» wekili «Mançester Ýunaýted» derwezeçi Martin Dubrawkanyň «Nýukasla» dolanmagyndan soň onuň ornuna «Kristal Palas» toparyndan 29 ýaşly derwezeçi Jek Batlandy möwsümiň ahyryna çenli kärendesine aldy.

Angliýanyň «Southempton» topary «Dinamo Zagrebiň» horwatiýaly hüjümçisi Mislaw Orşiçi 9 million ýewro transfer edip, 30 ýaşyndaky hüjümçi bilen 2,5 ýyla niýetlenen şertnama gol çekişdi.

Fransiýanyň «Marsel» kluby Italiýanyň «Atalanta» toparynyň ukrainaly ýarymgoragçysy Ruslan Malinowiski bilen düzümini güýçlendirip, fransuz topary 29 ýaşly oýunçy bilen kärendesine şertnama baglaşdy we möwsümiň ahyrynda 10+3 million ýewro transfer hem edip biler.

Niderlandlaryň «Aýaks» kluby ispan topary «Wilýarrealyň» Dünýä çempiony derwezeçisi, 30 ýaşyndaky argentinaly Heronimo Rullini 10+5 million ýewro töläp transfer etdi we 4 ýyllyk şertnama baglaşdy.



## «Mançester Siti», «Milan» ýaryşdan çykdy

Angliýanyň Liga Kubogynyň (EFL Cup) çärýek final oýunlary oýnalyp, ýarym finala çykan toparlar belli boldy. «Mançester Ýunaýted» topary öz meýdançasynda «Çarlton Atletik» toparyndan 3–0 hasabynda üstün çykdy. Gollary 21-nji minutda Antoni hem-de 90-njy we 90+4-nji minutlarda Markus Reşford geçirdi. «Nýukasl» hem «Lester Sitiniň» derwezesinden jogapsyz 2 gol geçirip, ýarym finala çykdy (Börn 60, Joelington 72). «Nottingam Forest» bilen «Wulwerhempton» toparlarynyň arasyndaky duşuşygyň esasy wagty 1–1 deňlikde gutaryp, ýeňiji oýundan soňky 11 metrlik urgular arkaly kesgitlendi.



**«NOTTINGAM FOREST» 31 ÝYLDAN SOŇ ÝARYM FINALDA**

Bu urgularda 4-3 öňe saýlanan «Nottingam Forest» 31 ýyldan soň ýarym finala adyny ýazdyrdy. Tapgyryň iň garaşylmadyk netijesi «Southempton bilen «Mançester Sitiniň» arasynda hasaba alyndy. Duşuşykda ýer eýeleri «Southempton» topary Mara (23) we Dženeponyň (28) gollary esasynda 2-0 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Ýarym finalda «Nottingam Forest» bilen «Mançester Ýunaýted», «Southempton» bilenem «Nýukasl» duşuşar. Ýarym finalyň 1-nji oýunlary 24-25-nji ýanwarda, jogap duşuşyklary-da 31-nji ýanwarda hem-de 1-nji fewralda oýnalar.

Angliýanyň FA Kubogy ýaryşynda-da «Mançester Siti» «Çelsini» 4–0 hasabynda ýeňdi. «Arsenal» bolsa «Oksford» toparyndan 3–0 hasabynda üstün çykdy. «Mançester Ýunaýted» «Ewertony» 3–1, «Tottenham» «Portsmuty» 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Wulwerhempton» bilen 1–1 deňme-deň oýnan «Liwerpul» garşydaşy bilen täzeden duşuşar. 1/16 finalda «Mançester Siti» «Arsenal» bilen, «Mançester Ýunaýted» bolsa «Reding» bilen özara güýç synanyşar.

**«MILAN» 15 ÝYLDAN SOŇ ÇÄRÝEK FINALA ÇYKYP BILMEDI**

Italiýanyň Kubogy ýaryşynda 1/8 finalyň oýunlaryna badalga berildi. «Inter» öz meýdançasynda «Parma» bilen duşuşyp, «Serie B»-de çykyş edýän garşydaşyny kynlyk bilen ýeňdi. 38-nji minutda Ýuriçiň goly bilen öňe geçen «parmalylar» 88-nji minutda Lautara Martinesiň goluny saklap bilmedi. Goşmaça wagtda-da, has takygy, 110-njy minutda Franęesko Açerbi «Intere» ýeňiş getiren oýunçy boldy. Bir günden soň oýnalan oýunda «Milan» öz meýdançasynda «Torinony» kabul etdi. Bassyr 3-nji möwsümde kubok ýaryşynda gabatlaşýan toparlaryň bu gezekki duşuşygynda ýeňiş turinlileriň tarapynda boldy. Oýnuň esasy wagtynda hasap açylmady. 70-nji minutdan soň 1 oýunçy kem oýnan «Milan» 114-nji minutda garşylyklaýyn hüjümde Adoponyň goluna alaç tapyp bilmedi. Şunlukda, «Milan» topary kubok ýaryşynda 2008-nji ýyldan soň ilkinji gezek çärýek finala çykyp bilmedi.



## «Çelsi» transferden doýanok

Angliýanyň «Çelsi» kluby transferden doýanok. Londonlylar gyşky transfer möwsüminde eýýäm 4 futbolçyny düzümine goşdy. Häzirki wagtda şikesli oýunçylarynyňam köp bolmagynyň azda-kände täsiri bilen çempionatda pes netije görkezýän «Çelsi» ilki Norwegiýanyň «Molde» toparyndan kot-d'iwuarly hüjümçi Dewd Datro Fofafany transfer etdi. «Çelsi» 20 ýaşly oýunçyny 8 million funt sterlinge transfer edip, onuň bilen 6 ýyllyk şertnama baglaşdy. Londonlylaryň 2-nji transferi «Monakonyň» fransiýaly goragçysy Benua Badiaşilini boldy. «Çelsi» 21 ýaşyndaky oýunçy bilen 7,5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Olar bu oýunçy üçinem «Monako» toparyna 35 million funt sterling tölär. «Çelsiniň» 3-nji transferi Braziliýadan bolup, «Wasko da Gama» toparynyň 18 ýaşly ýarymgoragçysy Andreý Santos londonlylaryň düzümine goşuldy. «Çelsi» toparynyň häzirlikçe soňky transferi «Atletiko Madridiň» portugaliýaly ýyldyz hüjümçisi Žoao Feliks boldy. 23 ýaşyndaky oýunçy möwsümiň ahyryna çenli «Çelside» kärendesine oýnar. Topar Feliksiň özüne 6, kärende tölegi hökmünde-de «Atletiko Madride» 11 million ýewro berer. «Çelsi» kluby tomusda-da 12 futbolçyny transfer edipdi. Şol transferlere «Çelsi» 260 million funt sterlingden gowrak transfer tölegini töläpdi.





## Garet Beýl professional futbol bilen hoşlaşdy



Öz döwründe rekord baha transfer bolan uelsli ýyldyz futbolçy Garet Beýl 33 ýaşynda professional karýerasyny tamamlandygyny habar berdi. Beýl 9 ýaşynda futbola başlanda şeýle ajaýyp sepgitlere ýetjekdigi barada pikir hem etmändigini belläp, şu derejä gelmegine ýardam beren hemmelere özüni borçly hasaplaýandygyny aýtdy. Ol 17 möwsümden gowrak ýokary derejede çykyş edendigini aýdyp, durmuşynda gaýtalanmajak ajaýyp pursatlara futbolyň saýasynda ýetendigini beýan etdi. 2006-njy ýylda «Southemptonda» futbola başlan Beýl 1 möwsümden soň özüne uly şöhrat getiren «Tottenham» toparyna transfer bolýar. Bu klubda 6 möwsüm çykyş edýär. 2013-nji ýylyň tomsunda-da 100 million ýewro, şol döwür üçin rekord baha «Real Madridiň» düzümine goşulýar. Bu klubda-da Çempionlar Ligasynyň çempionlygyna 5, «La Liganyň» çempionlygyna 3, UEFA Super Kubogyna 3, FIFA Klublararasy Kubogyna 3, Ispaniýanyň Şa Kubogyna 1, Ispaniýanyň Super Kubogyna 1 gezek mynasyp bolýar. 2020/21 möwsümini «Tottenhamda» kärendesine geçiren Beýl geçen ýylyň tomsunda-da ABŞ-nyň «Los Anjeles» toparyna transfer bolýar. Ol amerikan kluby bilenem MLS Kubogyny asmana göterýär. Klublarda jemi 553 duşuşyk geçiren Beýl şol oýunlarda 185 gezek tapawutlandy. 64 ýyldan soň Uelsiň Dünýä Kubogyna gatnaşmagyna saldamly goşant goşan Beýl milli toparda 111 gezek meýdança çykyp, şolarda 41 gol geçirdi. Ol iki görkeziji boýunça-da Uelsiň milli ýygyndysynyň rekordynyň eýesidir. Uelsiň milli ýygyndysy 2016-njy ýylda Ýewropa çempionatyna gatnaşyp, ýarym finala çykypdy. Beýl şonda-da toparynyň esasy ýyldyzy bolupdy.

## Martines Portugaliýanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi

Portugaliýanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi belli boldy. Federasiýa tarapyndan berlen habarda Fernando Santoşyň ornuna ispaniýaly Roberto Martines Portugaliýanyň milli ýygyndysynyň tälimçiligine bellendi. 49 ýaşyndaky hünärmen mundan öň 6 ýyllap Belgiýanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi bolupdy. Ol Dünýä Kubogyndan soň Belgiýanyň ýygyndysyndaky wezipesini taşlapdy. «Swansi» (2007-2009), «Wigan» (2009-2013) hem-de «Ewerton» (2013-2016) klublaryna tälim beren Martines Belgiýanyň ýygyndysynda ortaça 2,29 utuk gazanypdy. Portugaliýanyň ýygyndysy Katar 2022 Dünýä Kubogynda çärýek finalda Marokkodan asgyn gelipdi. Belgiýanyň ýygyndysyna 2018-nji ýylda Russiýada geçirilen Dünýä Kubogynda bürünç medal gazandyran Martines «Wigan» kluby bilen FA Kubogyny eýeläpdi. Martinesiň näçe ýyllyk şertnama baglaşandygy barada häzirlikçe maglumat berilmedi.



Şeýle-de, Fransiýanyň ýygyndysynda-da Didie Deşamyň 2026-njy ýylyň iýul aýyna çenli şertnamasynyň uzaldylandygy mälim edildi.

## Norwegiýaly türgeniň ýeňşi

Tramplinden lyžaly bökmek boýunça Dünýäniň iň esasy ýaryşy bolan «Four Hills» (Dört depe) bäsleşikleri tamamlandy. Alp daglaryndaky 4 şäherçede geçirilýän ýaryşda norwegiýaly Halwor Egner Granerud ýeňiş gazandy. Ol 4 tapgyrly ýaryşyň 3-sinde – Germaniýanyň Oberstdorf hem-de Garmiş-Partenkirhen şäherçelerinde, şol sanda Awstriýanyň Bişofshofen şäherinde geçirilen bäsleşiklerde iň ýokary netijäni görkezdi. Umumylykda 1192,2 utuk toplan Halwor Egner Granerud «Four Hills» ýaryşynda ilkinji çempionlygyny gazandy.



Awstriýanyň Insbruk şäherinde geçirilen ýaryşda ýeňiş gazanan we umumylykda 1158,2 utuk jemlän polşaly Dawid Kubaski 2-nji ýeri eýeledi. Ol 2020-nji ýylda çempion bolupdy. 1129 utuk toplan sloweniýaly Anže Lanişek 3-nji orna mynasyp boldy. Polşaly Pýotr Žylanyň 4-nji bolan ýaryşynda başga polýak türgen, 2017-nji, 2018-nji we 2021-nji ýyllaryň çempiony Kamil Stoh 5-nji orny eýeledi.

1953-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän bu ýaryş ýokarda ady agzalan 4 ýerde guralýar. «Four Hills» ýaryşlarynda şu wagta çenli iň köp finlýandiýaly Ýanne Ahonen çempion bolupdy (5 gezek).

## Italiýaly meşhur futbolçy Wialli aradan çykdy

Italiýaly ozalky futbolçy, meşhur ýyldyz oýunçy Janluka Wialli 58 ýaşynda aradan çykdy. Ol 2017-nji ýyldan bäri onkologik keselden ejir çekýärdi. Euro 2020-de Italiýanyň ýygyndysynda öz jan ýaly dosty, baş tälimçi Roberto Mançininiň kömekçileriniň biri bolan Wialli golaýda saglyk ýagdaýy sebäpli bu wezipesini taşlamaly bolupdy. Wialli köp wagtdan bäri Londonda ýaşaýardy.

1964-nji ýylyň 9-njy iýulynda Italiýanyň Kremona şäherinde dünýä inen Wialli 1980-nji ýylda «Kremonesada» futbola başlaýar. 4 ýyl bu klubda çykyş edeninden soň özüne uly şöhrat getiren «Sampdoriýa» toparyna transfer bolýar. 1992-nji ýylda «Ýuwentusa» geçen Wialli bu topar bilen 1996-njy ýylda Çempionlar Ligasynyň kubogyny gazanýar. 1996-njy ýylda-da «Çelsi» bilen şertnama baglaşan Wialli bu toparda-da 1999-njy ýyla çenli çykyş edýär. Klub futbolynda 673 oýunda 259 gol geçiren Wialli Italiýanyň ýygyndysy bilen 1990-njy ýylda Dünýä Kubogynda bürünç medala mynasyp bolýar. «Serie A»-da «Sampdoriýadyr» «Ýuwentus» bilen 2 gezek çempion bolan Wialli milli ýygyndyda 59 duşuşykda 16 sapar tapawutlanýar.





Wialli gysga wagtlyk «Çelsidir» (1998–2000) «Watford» (2001–2002) toparlaryna tälim beripdi. Wialli tälimçi hökmünde «Çelsi» bilen FA Kubogyny, Liga Kubogyny, UEFA Kubokçylaryň Kubogyny, UEFA Super Kubogyny hem-de «FA Charity Shield» (häzirki Community Shield) kubogyny gazanýar.

## Bir sözlemde...

- NBA-da «Maýami Hitiň» «Oklahoma Siti Tanderi» 112:111 hasap bilen ýeňen duşuşygynda ýer eýeleri erkin urgudan 40 utuk geçirip, bir duşuşykda säwliksiz iň köp erkin urgyny dürs ýerine ýetiren topar boldy (öňki rekord «Ýuta Jazz» toparyna degişlidi, 39 erkin urgy, 1982-nji ýyl).
- Awstraliýada ýygyndylaryň arasynda ilkinji gezek geçirilen «United Cup» tennis ýaryşynyň finalynda amerikaly tennisçiler (Pegula, Tiafu, Frits, Kiýs) italiýaly tennisçilerden (Trewisan, Musetti, Berrettini, Bronzetti) 4:0 hasabynda üstün çykyp, çempion bolmagy başardylar.
- Awstraliýada geçirilen «Adelaide International 1» ýaryşynda erkekleriň arasynda serbiýaly Nowak Jokowiç ýeňiş gazanyp, ol finalda amerikaly Sebastian Kordadan 2:1 (6:7, 7:6, 6:4) hasabynda üstün çykdy we 92-nji ATP Kubogyny asmana göterdi.
- Awstraliýada geçirilen «Adelaide International 1» ýaryşynda zenanlaryň arasyndaky finalda belarusly Aryna Sabalenko bilen çehiýaly Linda Noskowa duşuşyp, 24 ýaşyndaky Sabalenko 6:3 we 7:6 hasaplar bilen garşydaşyny ýeňdi we WTA-daky 11-nji çempionlygyny gazandy.
- Hindistanyň Pune şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen «Maharaştra Açyk» tennis ýaryşynda Tallon Grikspor (Niderlandlar) çempion bolup, ol finalda fransiýaly Benžamin Bonzini 6:3 we 7:6 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi.
- Täze Zelandiýada geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Oklend Açyk» tennis ýaryşynda amerikaly Koko Gauff çempionlyk gazanyp, 18 ýaşly tennisçi finalda ispaniýaly Rebeka Masarowadan 2 setde-de 6:1 hasaplar bilen üstün çykdy (3-nji çempionlyk).
- 17-nji gezek geçirilen lyžaly ýaryş boýunça «Tour de Ski» Dünýä Kubogynda erkeklerden Ýohannes Hosflot Klaebo, zenanlardan şwesiýaly Frida Karlsson ýeňiş gazandy.
- Braziliýanyň çempionaty «Serie A»-nyň iň köp gol geçiren futbolçysy (190 gol), «Wasko da Gama» toparynyň ýyldyzy Karlos Roberto de Oliweira Dinamit 68 ýaşynda aradan çykdy (milli toparda 38 oýunda 20 gol geçirdi).
- Darts boýunça Londonda geçirilen PDC Dünýä Çempionatynda angliýaly Maýkl Smit çempion bolup, ol finalda niderlandlarly Maýkl wan Gerwenden 7:4 üstün çykdy.

### LA LIGA (16) — 19 gol

**Elçe—Selta: 0–1** (Ýago Aspas 5), **Walensiýa—Kadiz: 0–1** (Alkaras 9), **Wilýarreal—Real Madrid: 2–1** (Pino 47, Moreno 63 p — Benzema 60 p), **Malýorka—Walýadolid: 1–0** (Prats 90+4), **Espanýol—Žirona: 2–2** (Puado 51, Hoselu 76 — Wilýa 32, Herrera 85), **Almeriýa—R. Sosiedad: 0–2** (Dawid Silwa 47, Serlot 52), **Raýo Wallekano—Betis: 1–2** (Kamelio 20 — Balliu 7 ö.d., Luis Enrike 40), **Sewilýa—Hetafe: 2–1** (Akunýa 36, Rafa Mir 80 — Maýoral 87), **Atletiko—Barselona: 0–1** (Dembele 22), **Atletik—Osasuna: 0–0**

### SERIE A (17) — 25 gol

**Fiorentina—Sassuolo 2–1** (Saponara 48, Gonzales 90+1 p — Berardi 57p), **Monza—Inter: 2–2** (Çurria 11, Dumfris 90+3 ö.d. — Darmian 10, Martines 22), **Ýuwentus—Udineze: 1–0** (Danilo 86), **Salernitana—Torino: 1–1** (Wiliena 49 — Sanabriýa 36), **Spesiýa—Leçce: 0–0, Lasio—Empoli: 2–2** (Anderson 2, Zakkani 54 — Kaputo 83, Marin 90+4), **Sampdoriýa—Napoli: 0–2** (Osimhen 19, Elmas 82 p), **Milan—Roma: 2–2** (Kalulu 30, Pobega 77 — Ibanýes 87, Abraham 90+3), **Werona—Kremonese: 2–0** (Lazowiç 9, 26), **Bolonýa—Atalanta: 1–2** (Orsolini 6 — Koopmaýners 47, Hoýlunn 58)

### LIGUE 1 (18) — 28 gol

**Aýaçço—Reýms: 0–1** (Munetsi 3), **Oser—Tuluza: 0–5** (Şaibi 7, Ruo 33, Wan den Bumen 41 p, Abuhlal 75, Dallinga 90+1), **Brest—Lill: 0–0, Klermon—Renn: 2–1** (Kieý 31, Kalimuendo 74, Gastien 90+5), **Nant—Lion: 0–0, Trua—Marsel: 0–2** (Mbemba 9, Weretu 46), **Loriýan—Monako: 2–2** (Wattara 75, Moffi 77 — Embolo 61, Ben Ýedder 90+3), **Nissa—Monpelie: 6–1** (Pepe 15, 56, Turam 35, Delor 75, Barkli 82, 85 — Sawanie 80), **Strasbur—Lans: 2–2** (Prçiç 13, Gameýro 16 — Klod-Moris 11, Openda 33), **PSŽ—Anže: 2–0** (Ekitike 5, Messi 72)

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 16 | 13 | 2 | 1 | 35-6 | 41 |
| 2 | REAL MADRID | 16 | 12 | 2 | 2 | 36-16 | 38 |
| 3 | R. SOSIEDAD | 16 | 10 | 2 | 4 | 23-17 | 32 |
| 4 | BETIS | 16 | 8 | 4 | 4 | 19-13 | 28 |
| 5 | WILÝARREAL | 16 | 8 | 3 | 5 | 19-12 | 27 |
| 6 | ATLETIKO | 16 | 8 | 3 | 5 | 23-15 | 27 |
| 7 | ATLETIK B | 16 | 7 | 5 | 4 | 24-14 | 26 |
| 8 | OSASUNA | 16 | 7 | 3 | 6 | 16-16 | 24 |
| 9 | R. WALLEKANO | 16 | 6 | 5 | 5 | 23-20 | 23 |
| 10 | MALÝORKA | 16 | 6 | 4 | 6 | 14-15 | 22 |
| 11 | WALENSIÝA | 16 | 5 | 4 | 7 | 23-18 | 19 |
| 12 | ŽIRONA | 16 | 4 | 6 | 6 | 24-26 | 18 |
| 13 | HETAFE | 16 | 4 | 5 | 7 | 15-22 | 17 |
| 14 | ALMERIÝA | 16 | 5 | 2 | 9 | 17-25 | 17 |
| 15 | WALÝADOLID | 16 | 5 | 2 | 9 | 13-24 | 17 |
| 16 | SELTA | 16 | 4 | 4 | 8 | 16-27 | 16 |
| 17 | SEWILÝA | 16 | 3 | 6 | 7 | 16-24 | 15 |
| 18 | KADIZ | 16 | 3 | 6 | 7 | 11-27 | 15 |
| 19 | ESPANÝOL | 16 | 2 | 8 | 6 | 19-25 | 14 |
| 20 | ELÇE | 16 | 0 | 4 | 12 | 10-34 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 13 |
| 2 | HOSELU (Espanýol) | 9 |
| 3 | Borha IGLESIAS (Betis) | 8 |
| 4 | Wedat MURIKI (Malýorka) | 8 |
| 5 | Karim BENZEMA (Real Madrid) | 7 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 17 | 14 | 2 | 1 | 39-13 | 44 |
| 2 | ÝUWENTUS | 17 | 11 | 4 | 2 | 26-7 | 37 |
| 3 | MILAN | 17 | 11 | 4 | 2 | 33-18 | 37 |
| 4 | INTER | 17 | 11 | 1 | 5 | 37-24 | 34 |
| 5 | LASIO | 17 | 9 | 4 | 4 | 29-15 | 31 |
| 6 | ATALANTA | 17 | 9 | 4 | 4 | 26-18 | 31 |
| 7 | ROMA | 17 | 9 | 4 | 4 | 21-16 | 31 |
| 8 | UDINEZE | 17 | 6 | 7 | 4 | 25-19 | 25 |
| 9 | FIORENTINA | 17 | 6 | 5 | 6 | 21-22 | 23 |
| 10 | TORINO | 17 | 6 | 5 | 6 | 18-19 | 23 |
| 11 | LEÇÇE | 17 | 4 | 7 | 6 | 16-18 | 19 |
| 12 | BOLONÝA | 17 | 5 | 4 | 8 | 21-28 | 19 |
| 13 | EMPOLI | 17 | 4 | 7 | 6 | 15-22 | 19 |
| 14 | MONZA | 17 | 5 | 3 | 9 | 19-25 | 18 |
| 15 | SALERNITANA | 17 | 4 | 6 | 7 | 21-27 | 18 |
| 16 | SASSUOLO | 17 | 4 | 4 | 9 | 17-26 | 16 |
| 17 | SPESIÝA | 17 | 3 | 6 | 8 | 16-28 | 15 |
| 18 | WERONA | 17 | 2 | 3 | 12 | 15-30 | 9 |
| 19 | SAMPDORIÝA | 17 | 2 | 3 | 12 | 12-30 | 9 |
| 20 | KREMONEZE | 17 | 0 | 7 | 10 | 11-29 | 7 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Wiktor OSIMHEN (Napoli) | 10 |
| 2 | M'Bala NZOLA (Spesiýa) | 8 |
| 3 | Marko ARNAUTOWIÇ (Bolonýa) | 8 |
| 4 | Lautara MARTINES (Inter) | 8 |
| 5 | Ademola LUKMEN (Atalanta) | 7 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE I/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 18 | 15 | 2 | 1 | 48-13 | 47 |
| 2 | LANS | 18 | 12 | 5 | 1 | 31-13 | 41 |
| 3 | MARSEL | 18 | 12 | 3 | 3 | 36-15 | 39 |
| 4 | RENN | 18 | 10 | 4 | 4 | 35-20 | 34 |
| 5 | MONAKO | 18 | 10 | 4 | 4 | 35-25 | 34 |
| 6 | LORIÝAN | 18 | 9 | 5 | 4 | 30-26 | 32 |
| 7 | LILL | 18 | 9 | 4 | 5 | 30-24 | 31 |
| 8 | LION | 18 | 7 | 4 | 7 | 27-21 | 25 |
| 9 | KLERMON | 18 | 7 | 4 | 7 | 22-26 | 25 |
| 10 | NISSA | 18 | 6 | 6 | 6 | 22-20 | 24 |
| 11 | REÝMS | 18 | 5 | 9 | 4 | 21-23 | 24 |
| 12 | TULUZA | 18 | 6 | 4 | 8 | 28-33 | 22 |
| 13 | TRUA | 18 | 4 | 6 | 8 | 29-35 | 18 |
| 14 | NANT | 18 | 3 | 9 | 6 | 18-24 | 18 |
| 15 | MONPELIE | 18 | 5 | 2 | 11 | 28-37 | 17 |
| 16 | AÝAÇÇO | 18 | 4 | 3 | 11 | 15-27 | 15 |
| 17 | BREST | 18 | 3 | 5 | 10 | 18-33 | 14 |
| 18 | OSER | 18 | 3 | 4 | 11 | 16-40 | 13 |
| 19 | STRASBUR | 18 | 1 | 9 | 8 | 22-33 | 12 |
| 20 | ANŽE | 18 | 2 | 2 | 14 | 16-39 | 8 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 13 |
| 2 | NEÝMAR (PSŽ) | 11 |
| 3 | Terem MOFFI (Loriýan) | 11 |
| 4 | Jonatan DEWID (Lill) | 10 |
| 5 | Florin BALOGUN (Reýms) | 10 |

## Milanlylar soňky minutlarda ýeňşi elden giderdiler

Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da 17-nji tapgyrda geçen möwsümiň çempiony «Milan» bilen wise-çempion «Inter», Milan şäheriniň 2 wekili hem soňky minutlarda ýeňşi elden giderdiler.



Myhmançylykda «Monza» bilen duşuşan «Inter» 90+3-nji minutda Dumfrisiň ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden geçiren goly esasynda meýdançany bir utuk bilen terk etmäge mejbur boldy. 2-2 hasabynda deňlikde tamamlanan duşuşygyň gollaryny «Monzadan» Çurria (11) bilen Dumfris (90+3 ö.d.), «Interden» Darmian (10) bilen Lautara Martines (22) geçirdi. Edil şonuň ýaly hasap «Milan» bilen «Romanyň» arasyndaky duşuşykda-da hasaba alyndy. Kalulu (30) hem-de Pobeganyň (77) gollary bilen 2-0 öňe saýlanan «Milan» soňky 3 minutda bu üstünligini saklap bilmedi. 77-nji minutda Ibanýes, 90+3-nji minutda-da Temmi Abraham tapawutlanyp, «Roma» ýeňlişden halas boldy. Geçen tapgyrda ýeňilmezekligini elden gideren «Napoli» myhmançylykda «Sampdoriýany» Osimhen hem-de Elmasyň gollary bilen 2-0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda «Napoliniň» italiýaly oýunçysy Politano 6-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs ýerine ýetirip bilmedi. «Ýuwentus» ýene-de soňky minutlarda hasaby açyp, Danilonyň ýeke-täk goly bilen «Udinezeni» 1-0 hasabynda ýeňdi. Bassyr 8-nji ýeňşini gazanan «Ýuwentus» şolaryň 5-sini 1-0 hasap bilen utdy. «Inter» bilen «Milan» ýaly, «Lasio» hem üstünligini saklap bilmän soňky minutlarda ýeňşi elden giderdi. «Empolini» kabul eden «Lasio» Anderson we Zakkaniniň gollary esasynda 2-0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne soňky 10 minutda 2 gol geçirdip, meýdançany deňlik bilen terk etdi.



### «Barselona» «Real Madridden» 3 utuk öňe saýlandy

Ispaniýanyň çempionaty «La Ligada» soňky çempion «Real Madrid» myhmançylykda «Wilýarrealdan» 2–1 hasabynda asgyn geldi. Gollaryň 3-si hem 2-nji ýarymda geçirilip, 47-nji minutda Pino ýer eýelerini öňe saýlady. 60-njy minutda Benzema penaltiden hasaby deňlese, 3 minutdan soň Moreno hem penaltini dürs urup, toparyna ýeňiş getiren oýunçy boldy. Bu «Realyň» şu möwsümdäki 2-nji ýeňlişidir. Tapgyryň merkezi oýnunda «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Barselonany» kabul etdi. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda katalonlar 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. «Barselona» ýeňiş getiren ýeke-täk goly 22-nji minutda Usman Dembele geçirdi. Duşuşygyň ahyrlarynda «Atletikodan» Stefan Sawiç, «Barselonadan» Ferran Torres gyzyl kart aldy. Şunlukda, «Barselona» 2-nji ýerdäki «Real Madridden» 3 utuk öňe saýlandy. «La Ligada» 16-njy tapgyrda «Real Sosiedad» myhmançylykda «Almeriýany» 2–0, «Betis» bolsa myhmançylykda «Raýo Wallekanony» 2–1 hasabynda ýeňdi. Öz meýdançasynda «Hetafeni» 2–1 hasabynda ýeňen «Sewilýa» 6 tapgyrdan soň möwsümdäki 3-nji ýeňşini gazandy.





* * *

Fransiýanyň çempionatynda 18-nji tapgyrda PSŽ öz meýdançasynda «Anže» toparyny Ekitike we Messiniň gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi. Şeýle netije «Trua»–«Marsel» duşuşygynda-da hasaba alnyp, myhmanlar ýeňşini baýram etdi. Tälimçisi Lusien Fawreni wezipesinden boşadan «Nissa» topary öz meýdançasynda «Monpelieni» 6–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda Pepe bilen Barkliniň hersi 2 gezek tapawutlandy. Geçen tapgyrda PSŽ-niň ýeňlişsiz ýörişine soňky nokady goýan «Lans» bu gezek myhmançylykda «Strasbur» bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnady.

**NOBATDAKY TAPGYRYŇ IŇ ESASY DUŞUŞYKLARY:**

**13-nji ýanwar:** Napoli — Ýuwentus (00:45).

**14-nji ýanwar:** Mançester Ýunaýted — Mançester Siti (17:30), Braýton — Liwerpul (20:00), Trabzonspor — Istanbul BŞ (21:00), Leçce — Milan (22:00), Inter — Werona (00:45), Aýaks — Twente (01:00), R. Sosiedad — Atletik (01:00).

**15-nji ýanwar:** Çelsi — Kristal Palas (19:00), Nýukasl — Fulham (19:00), Tottenham — Arsenal (21:30), Benfika — Sporting (23:00), Roma — Fiorentina (00:45), Renn — PSŽ (00:45).

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# 80-nji «Altyn globus» baýraklarynyň ýeňijileri

Kino sungatynyň iň abraýly baýraklaryndan, Oskaryň buşlukçysy hasaplanýan «Altyn globus» baýraklary öz mynasyplaryna gowşuryldy. Golliwuddaky daşary ýurtly žurnalistler bileleşigi (HFPA) tarapyndan berilýän «Altyn globus» baýraklarynyň gowşurylyş dabarasy 80-nji gezek geçirildi. Kaliforniýadaky «The Beverly Hilton» myhmanhanasynda geçirilen dabarany ýaş komediýaçy Jerod Karmaýkl alyp bardy. Dabara kino sungatynyň görnükli wekilleriniň gyzyl halydan geçişligi bilen başlandy.



80-nji «Altyn globus» baýraklarynda iň gowy drama filmi diýlip, ussat režissýor Stiwen Spilbergiň awtobiografiýasy baradaky «Fabelmanlar» kinosy saýlandy. Film «Awatar: suwuň ýoly», «Elwis», «Tar», «Top Gan: Mawerik» ýaly kinolardan öňe saýlanmagy başardy. Iň gowy mýuzikal ýa-da komediýa film baýragyna-da ýylyň köp baýrakly kinolaryndan «Inişeriniň perisi» mynasyp boldy. «Fabelmanlar» kinosy Stiwen Spilberge iň gowy režissýor, «Inişeriniň perisi» filmi-de ssenariçi Martin MakDonaha (şol bir wagtyň özünde režissýory) iň gowy ssenariý baýraklaryny hem gazandyrdy.

Aktýorçylyk ugurlary boýunça drama filmleriniň iň gowy aktýory «Elwis» filmindäki keşbi üçin Ostin Batler saýlandy. Drama filmleriniň iň gowy aktrisasy hökmünde «Tar» filminde meşhur kompozitoryň Lidia Taryň keşbini ýerine ýetiren oskarly Keýt Blanşett ykrar edildi. Mýuzikal ýa-da komediýa filmleri boýunça «Inişeriniň perisi» filmindäki keşbi üçin Kolin Farrell bilen «Hemme zat hemme ýerde we birbada» filmindäki keşbi üçin Mişell Ýeo degişlilikde, iň gowy aktýor we aktrisa diýlip saýlandy. Mişell Ýeo «Altyn globus» baýragyny gazanan ilkinji malaýziýaly şahsyýet boldy. Ikinji plandaky iň gowy aktýor we aktrisa baýraklaryna-da degişlilikde, Jonatan Ke Kuan («Hemme zat hemme ýerde we birbada») bilen Anjela Bassett («Gara Pantera: Wakanda hemişelik») laýyk görüldi. Anjela Bassettiň baýragy almagy köpler üçin garaşylmadyk waka bolup, ol umumylykda 2-nji «Altyn globus» heýkeljigini gazandy. Galyberse-de, 64 ýaşyndaky Bassett «Marvel»-iň kinolary boýunça aktýorçylyk ugrundan abraýly baýraklaryň birini gazanan ilkinji artist boldy.



Iň gowy saz baýragyna «Wawilon» kinosynda ýaňlanýan sazlary döreden Jastin Hurwits laýyk görlüp, ol 4-nji «Altyn globus» heýkeljigini asmana göterdi. Hindistanyň telegu dilinde surata düşürilen «RRR» filminde ýerine ýetirilen «Naatu Naatu» atly aýdym iň gowy aýdym diýlip saýlandy. Bu aýdymyň Leýdi Gaga, Rihanna ýaly aýdymçylaryň ýerine ýetiren aýdymlaryndan öňe saýlanmagy köpler üçin garaşylmadyk waka boldy. Edil şonuň ýaly, «Argentina, 1985» atly argentin filminiň hem iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film baýragyny gazanmagyna garaşylanokdy. «Gillermo del Toronyň Buratinosy» atly multfilm hem iň gowy animasiýa diýlip saýlandy.

Serialdyr telefilmleriň arasynda-da tapawutlananlary sylaglandyrýan «Altyn globus» baýraklarynda bu ugurda-da ýeňijiler mälim edildi. Iň gowy drama serialy baýragyna «Tagt oýunlary» serialynyň ýanamasy bolan «Aždarhanyň öýi» serialy mynasyp boldy. «Abbott başlangyç mekdebi» atly ekran eseri bolsa iň gowy mýuzikal ýa-da komediýa ugry boýunça «Altyn globusa» laýyk görüldi. Serialda baş keşbi ýerine ýetirýän Kinta Brunson iň gowy aktrisa, şeýle-de Taýler Jeýms Williams ikinji plandaky iň gowy aktýor baýragy bilen sylaglandy. «Ak Lotus» atly ekran eseri iň gowy gysga göwrümli serial ýa-da telefilm baýragyny eýeledi. Bu serialda surata düşen Jennifer Kulij ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýragyna mynasyp boldy.









Drama görnüşli seriallaryň iň gowy aktýory diýlip, Adam Skott hem-de Bob Odenkirk ýaly esasy dalaşgärleri yzda galdyran Kewin Kostner («Ýellowstoun») saýlandy. «Eýforiýa» serialyndaky keşbi üçinem Zendeýa iň gowy aktrisa baýragyny eýelemegi başardy. Dabarada mýuzikal ýa-da komediýa seriallarynyň iň gowy aktýory diýlip, «Aýy» serialyndaky keşbi üçin Jeremi Allen Waýt sylaglandy. «Damer – nägehan: Jeremi Dameriň hekaýasy» atly serialda baş keşbi ýerine ýetirýän Ewan Peters bilen «Çykyp gitmek» serialynyň ýyldyzy Amanda Saýfred gysga göwrümli serial ýa-da telefilmleriň degişlilikde iň gowy aktýory we aktrisasy diýlip saýlandy. Kem-kemden şöhraty beýgelýän Julia Garner «Ozark» serialyndaky keşbi üçin mýuzikal-komediýa, drama ugry boýunça ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýragyny eýeledi. Sesill de Milliň adyny göterýän hormat sylagy bu ýyl ussat aktýor Eddi Mörfä berildi.

## 80-nji «ALTYN GLOBUS» BAÝRAKLARYNYŇ ÝEŇIJILERI:

**Iň gowy drama filmi:** «Fabelmanlar» (The Fabelmans)

**Iň gowy mýuzikal ýa-da komediýa filmi:** «Inişeriniň perisi» (The Banshees of Inisherin)

**Iň gowy aktýor (drama):** Ostin Batler – «Elwis» (Elvis)

**Iň gowy aktrisa (drama):** Keýt Blanşett – «Tar» (Tar)

**Iň gowy aktýor (mýuzikal ýa-da komediýa):** Kolin Farrell – «Inişeriniň perisi» (The Banshees of Inisherin)

**Iň gowy aktrisa (mýuzikal ýa-da komediýa):** Mişell Ýeo – «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once)

**Iň gowy režissýor:** Stiwen Spilberg – «Fabelmanlar» (The Fabelmans)

**Iň gowy ssenariý:** Martin MakDonah – «Inişeriniň perisi» (The Banshees of Inisherin)

**Ikinji plandaky iň gowy aktýor:** Jonatan Ke Kuan – «Hemme zat hemme ýerde we birbada» (Everything Everywhere All at Once)

**Ikinji plandaky iň gowy aktrisa:** Anjela Bassett – «Gara Pantera: Wakanda hemişelik» (Black Panther: Wakanda Forever)

**Iň gowy saz:** Jastin Hurwits – «Wawilon» (Babylon)

**Iň gowy aýdym:** «Naatu Naatu» (M. M. Keerawani, Çandrabose) – RRR (RRR)

**Iň gowy animasiýa:** «Gillermo del Toronyň Buratinosy» (Guillermo del Toro's Pinocchio)

**Iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film:** «Argentina, 1985» (Argentina, 1985) – Argentina

**Iň gowy drama serialy:** «Aždarhanyň öýi» (House of the Dragon)

**Iň gowy mýuzikal ýa-da komediýa serialy:** «Abbott başlangyç mekdebi» (Abbott Elementary)

**Iň gowy gysga göwrümli serial ýa-da telefilm:** «Ak Lotus» (The White Lotus)

**Iň gowy aktýor (drama):** Kewin Kostner – «Ýellowstoun» (Yellowstone)

**Iň gowy aktrisa (drama):** Zendeýa – «Eýforiýa» (Euphoria)

**Iň gowy aktýor (mýuzikal ýa-da komediýa):** Jeremi Allen Waýt – «Aýy» (The Bear)

**Iň gowy aktrisa (mýuzikal ýa-da komediýa):** Kinta Brunson – «Abbott başlangyç mekdebi» (Abbott Elementary)

**Iň gowy aktýor (gysga göwrümli serial ýa-da telefilm):** Ewan Peters – «Damer – nägehan: Jeremi Dameriň hekaýasy» (Dahmer – Monster: The Jeffrey Dahmer Story)

**Iň gowy aktrisa (gysga göwrümli serial ýa-da telefilm):** Amanda Saýfred – «Çykyp gitmek» (The Dropout)

**Ikinji plandaky iň gowy aktýor (mýuzikal ýa-da komediýa, drama):** Taýler Jeýms Williams – «Abbott başlangyç mekdebi» (Abbott Elementary)

**Ikinji plandaky iň gowy aktrisa (mýuzikal ýa-da komediýa, drama):** Julia Garner – «Ozark» (Ozark)

**Ikinji plandaky iň gowy aktýor (gysga göwrümli serial ýa-da telefilm):** Pol Wolter Hauzer – «Gara guş» (Black Bird)

**Ikinji plandaky iň gowy aktrisa (gysga göwrümli serial ýa-da telefilm):** Jennifer Kulij – «Ak Lotus» (The White Lotus)

# Ýylyň garaşylýan filmleri

Her ýyl bolşy ýaly, bu ýylda hem ýüzlerçe, hatda tutuş senagaty göz öňünde tutanyňda, müňlerçe film öndüriler we halk köpçüliginiň dykgatyna ýetiriler. Dünýäde her ýyl ortaça 8–10 müň aralygynda film önümçiligi bolup, olaryň käbirleri aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Şol filmleriň arasynda, esasan hem, Golliwudyň önümleri öňe saýlanyp, hindi, fransuz, koreý, ýapon, ispan filmleriniň hem özüne ýeterlik muşdagy bar.



Şu ýylyň garaşylýan esasy kinolarynyň hatarynda hyýaly gahrymanlaryň täze başdangeçirmeleri, uruşly, hereketli filmler, komediýadyr dramalar, fantastik kinolar, animasiýalar, edebi eserler esasynda ekranlaşdyrylanlar, ozalky kinolaryň dowamy bolan filmler bar.

### «MARVEL» HEM-DE «DC STUDIOS»-yň TÄZE KINOLARY

Soňky 1-2 ýylyň dowamynda ozalkylar ýaly önümleri bolmadyk «Marvel»-iň täze kinolarynyň ilkinjisi **«Ant-Man and the Wasp: Quantumania»** filmidir. Peýton Ridiň surata düşüren kinosy 17-nji fewralda ekranlara çykar. Filmde Pol Rudd, Ewanjelina Lili esasy keşpleri janlandyrýar. «Marvel»-iň ýene bir filmi **«Guardians of the Galaxy Vol. 3» («Galaktikanyň goragçylary – 3»)** bolup, bu olaryň özara soňky başdangeçirmesi bolar. Jeýms Gannyň režissýorlyk edýän kinosy 5-nji maýda ekranlara çykar. «Marvel»-iň 3-nji kinosy studiýanyň adyny göterýän **«The Marvels»** bolup, zenan režissýor Nia DaKostanyň režissýorlygyndaky filmde Kapitan Marwel hem-de ilkinji gezek ekranlara çykýan Ms. Marweliň täze başdangeçirmeleri dogrusynda gürrüň berilýär. «Marvel» studiýasy 2023-nji ýyly 5-nji tapgyryň 3 filmi bilen tamamlar. Galan 3 film geljek ýyl görkeziler.



«Marvel»-iň esasy bäsdeşi «DC Studios»-yň bu ýyl 4 kinosy peýda bolar. Olaryň ilkinjisi 17-nji martda ekranlara çykjak **«Shazam! Fury of the Gods»** kinosydyr. **«The Flash»** studiýanyň şu ýyldaky 2-nji kinosy bolup, ol 16-njy iýunda kinoteatrlarda görkezilip başlanar. Endi Muskiettiniň režissýorlyk edýän kinosynda baş keşbi Ezra Miller ýerine ýetirýär. «DC Studios»-yň 3-nji kinosy **«Blue Beetle»** bolar. Studiýanyň täze gahrymanlaryny özünde jemleýän kino awgust aýynda ekranlara çykar. **«Aquaman and the Lost Kingdom»** atly filmi bilen ýyly jemlejek studiýanyň bu filmine Jeýms Wan režissýorlyk edýär. Dekabr aýynyň 25-ine ekranlara çykaryljak filmde ýene-de baş keşpleri Jeýson Momoa, Ember Hörd, Willem Dafo dagy ýerine ýetirýär.

### TÄZE FILMLER

Kino sungatynyň eý görülýän režissýorlaryndan Kristofer Nolanyň täze filmi ýylyň garaşylýan esasy kinolarynyň biridir. Meşhur fizik J. Robert Oppenhaýmeriň durmuşy baradaky **«Oppenheimer»** filmi 21-nji iýulda köpçülige ýetiriler. 100 million dollarlyk býujeti bolan kinoda Sillian Mörfi, Emili Blant, Mett Damon, Robert Dawni Junior, Florens Pýu, Rami Malek ýaly meşhur artistler dürli keşpleri janlandyrýar.



Ýylyň garaşylýan esasy filmleriniň ýene biri-de dünýä belli oýnawaç bolan Barbi gurjagy baradaky **«Barbie»** kinosydyr. Noý Baumbahyň ssenarisini ýazan filmini zenan režissýor Greta Gerwig ekranlaşdyrýar. Filmde baş keşbi Margo Robbi janlandyrsa, oňa Raýan Gosling, Will Ferrell, Keýt MakKinnon, Emma Makki dagy ýoldaşlyk edýär. 100 million dollarlyk býujeti bolan kino 21-nji iýulda ekranlarda peýda bolar.

Belli režissýor Neil Blomkampyň awtobiografik görnüşli täze kinosy **«Gran Turismo»** bolup, awgust aýynda kinoteatrlara ýaýradyljak filmde Arki Madekwe, Orlando Blum, Jimon Honsu ýaly artistler surata düşýär.

Režissýor Jeil Nordanyň nobatdaky kinosy **«Marlowe»** bolup, 3-nji fewraldan ekranlara çykjak filmde Liam Nison, Daýana Kruger, Jessika Lange ýaly belli artistler çykyş edýär.

Florens Pýu bilen Morgan Frimanyň bilelikde surata düşen **«A Good Person»** filmini hem sanawa goşmak bolar. Filme Zek Braff režissýorlyk edip, onda maşgala durmuşy barada söhbet açylýar.

Özboluşly filmleriň režissýory Wes Andersonyň nobatdaky eseri **«Asteroid City»** filminde-de Golliwudyň 20-ä golaý meşhur artistleri dürli keşpleri janlandyrýar.

### ÖŇKI FILMLERIŇ DOWAMY

Ulaglaryň ýokary derejedäki sesi hem-de tizligi bilen belli bolan «Forsaž» filmleriniň onunjysy **«Fast X»** ýene-de hereketli kinolary halaýanlaryň hem-de bu serianyň muşdaklarynyň iň sabyrsyzlyk bilen garaşýan filmidir. Win Dizel we Jeýson Stethama täze filmde Mişell Rodriges, Jeýson Momoa, Bri Larson, Taýris Gibson, Skott Istwud, Şarliz Teron, Natalie Emmanuel, Jon Sena ýaly ýyldyzlar ýene-de ýoldaşlyk edýärler. Jastin Liniň bu gezek ssenarisini ýazan filminiň býujetiniň 300 million dollardan ýokarydygy bellenilýär. Luis Letermieriň režissýorlyk edýän kinosy 19-njy maýda kinoteatrlardaky ornuny alar.

Özboluşly başdangeçirmeleriň ussady Indiana Jons 15 ýyldan soň ekranlara dolanyp, Jeýms Mangoldyň režissýorlyk edýän **«Indiana Jones and the Dial of Destiny»** atly kinosynda ýene-de baş keşbi Harrison Ford janlandyrar. Film 30-njy iýunda ekranlara çykar.

Meşhur aktýor Tom Kruzuň howply sahnalaryny-da aglaba özüniň janlandyrýan filmi – «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa» filmleriniň 7-njisi – **«Mission: Impossible – Dead Reckoning Part One»** hem ýylyň garaşylýan ekran eserleriniň biridir. Öňki filmlerde bolşy ýaly, režissýor Kristof MakKuarriniň surata düşürýän kinosy 14-nji iýuldan başlap kinoteatrlara ýaýradylar.



Gowy robotlaryň ýaramaz robotlara garşy göreşi barada gürrüň berýän «Transformerler» kinolar toplumynyň 7-nji filmi **«Transformers: Rise of the Beasts»** režissýor Maýkl Beýiň ýolbaşçylygynda ýene-de ekranlarda peýda bolar. 9-njy iýunda ekranlara çykjak filmde Optimus Praýmyň täze dostlary bar.

Keanu Riwesiň nobatdaky, has takygy, 4-nji sapar Jon Wikiň keşbinde tomaşa etjek kinomyz **«John Wick: Chapter 4»** diýlip atlandyrylýar. Bu filmde ine-gana dynç almaga pursat tapyp bilmeýän Jon Wik ýene-de täze duşmanlaryň garşysyna aldym-berdimli göreş alyp barýar.

Ençeme baýrak gazanan 1-nji filmden soň 2-njisi hem ekranlaşdyrylýan «Dýuna» kinosynyň täze bölümi **«Dune: Part Two»** noýabr aýynyň başlaryna ekranlara çykar. Deni Willnýowyň režissýorlygyndaky kinoda meşhur artistler surata düşýär.

«Açlyk oýunlary» ady bilen 2012-2015-nji ýyllarda halk köpçüligine ýetirilen filmiň täze nusgasy – **«The Hunger Games: The Ballad of Songbirds and Snakes»** 17-nji noýabrda kinoteatrlara ýaýradylar. Filme ýene-de Fransis Lawrens režissýorlyk edýär.

Ozalky filmleriň dowamy bolan ýene bir kino hem «Sazlaýjy» filmi bolup, režissýor Antuan Fukua bilen ussat aktýor Denzel Waşington 3-nji gezek täze meseleleri çözmegiň usulyny tapýar. **«The Equalizer 3»** atly bu film sentýabr aýynyň ilkinji gününden görkezilip başlanar.

Öňki 3 filmi bilen muşdaklaryň uly söýgüsini gazanan «Ýumrujylar» filmleriniň 4-njisi – **«The Expendables 4»** hem sentýabrda kinoteatrlaryň maksatnamasynda bar bolup, Jeýson Stetham, 50 Cent, Toni Ja, Rendi Kutur, Dolf Lundgren hem-de Silwester Stallone dagy ýene-de jemlenerler.

### ANIMASIÝALAR

Her ýylda bolşy ýaly, bu ýylky sanawda animasiýalar hem bolup, olaryň iň esasysy «Pixar»-yň **«Elemental»** atly ekran eseridir. 16-njy iýunda kinoteatrlara ýaýradyljak multfilmde 4 esasy elementiň özara başdangeçirmesi barada söhbet açylýar. Multfilm diýlende ilkinji bolup ýadyňa düşýän «Walt Disney» studiýasynyň **«Wish»** atly önümi-de ýylyň sabyrsyzlyk bilen garaşylýan animasiýalarynyň biridir. «Sony» bilen «Marvel»-iň bilelikdäki önümi bolan **«Spider-Man: Across the Spider-Verse»** animasiýasynyň hem edil 1-nji multfilm ýaly bilermenlerdenem, muşdaklardanam ýokary baha almagyna garaşylýar. Multfilm 2-nji iýundan başlap, tutuş dünýäde kinoteatrlarda görkeziler.



Meşhur oýun «Super Mario» hem ilkinji gezek ekranlarda peýda bolup, aprel aýynyň birinji hepdesinde ekranlara çykjak **«The Super Mario Bros. Movie»** animasiýasyna Aaron Horwat bilen Mihael Ýeleniç režissýorlyk edýär.

Ýokarda ady agzalanlardan başga-da, **«65», «Scream VI», «Creed III», «Winnie-the-Pooh: Blood and Honey», «Magic Mike's Last Dance», «Knock at the Cabin», «Infinity Pool», «The Little Mermaid», «Teenage Mutant Ninja Turtles: Mutant Mayhem», «Challengers», «A Haunting in Venice», «Next Goal Wins», «Kraven the Hunter», «True Love», «Wonka», «The Color Purple»** ýaly kinolar ekranlara çykar. Galyberse-de, «Netflix», «Amazon», «Disney+», «Apple+» ýaly streaming wideo platformalarynda özleriniň täze ýüzlerçe filmini öz müşderilerine ýetirerler.

### ŞAH RUH HANYŇ 3 FILMI EKRANLARA ÇYKAR

Şeýle-de, Şah Ruh Han, Dipika Padukone, Jon Abraham dagynyň surata düşen **«Pathaan»**, Salman Han bilen Katrina Kaifiň baş keşplerde surata düşen **«Tiger 3»**, Şah Ruh Hanyň baş keşpde çykyş edýän **«Dunki»**, meşhur režissýor Ali Abbas Zafaryň surata düşürýän we Akşaý Kumaryň esasy keşbi janlandyrýan **«Bade Miyan Chote Miyan»**, ýene-de Şah Ruh Hanyň baş keşpde surata düşýän **«Jawan»** ýaly kinolar ýylyň esasy hindi filmleri hasaplanýar.

Žiýom Kane, Wensan Kassel, Marion Kotiýýar, Žil Leluş ýaly fransuz kino sungatynyň ägirtlerini özünde jemleýän meşhur Asteriks bilen Obeliksiň täze başdangeçirmeleri bolan «Asterix & Obelix: The Middle Kingdom» filmi, şol sanda, meşhur režissýor Luk Bessonyň hem «DogMan» atly kinosy şu ýylyň dowamynda ekranlara çykarylar.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Maşgala» bank karty atly bank hyzmatyny hödürleýär.

«Maşgala» bank karty müşderiniň «Altyn Asyr» bank kartynyň hasabynda bar bolan serişdelerden peýdalanmaga mümkinçilik berip, maşgala agzalaryna, şol sanda hem 7 ýaşdan uly çagalaryna:
— ýurdumyzyň çäginde başga şähere dynç almaga we syýahatçylyk maksatlary bilen gidenlerinde pul serişdeleri bilen üpjün etmek üçin;
— çagalara we talyplara gerekli okuw esbaplaryny we beýleki harytlary satyn almak üçin;
— maşgala agzalaryna gündelik çykdajylaryny tölemek üçin hem-de nagt däl hasaplaşyklaryň, «Internet bank» we «Mobil bank» hyzmatlarynyň hödürleýän dürli amatlyklaryndan, şol sanda gije-gündiz tertibinde bank kartynyň galyndysyny bilmek, karzlaryň göterimini we esasy bergisini tölemek, telefon, öýjükli telefon, IP telewideniýäniň we internetiň hasabyny doldurmak ýaly amallardan peýdalanmak üçin şert döredýär.

Maşgala bank kartlaryny ulanmak her bir raýat üçin amatlydyr we ygtybarlydyr!
Maşgala bank kartyny açmak üçin «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasyna ýa-da şahamçalaryna ýüz tutup bilersiňiz.




Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasy boýunça habarlaşmak üçin telefon belgisi: 44-03-04
Şahamçalaryň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi saýtynda görkezilen. www.tnbk.tm

Лиц. № 1-19-20-1439, № 1-19-20-1211

ULKE ENERGY

Специализированное предприятие ИП «ULKE» предлагает Вам квалифицированные услуги по монтажу, наладке и ремонту электрооборудования напряжением 0,4-35кВ, ремонт различных электродвигателей 0,4 - 10000кВт, силовых трансформаторов любой мощности напряжением до 10кВ, промышленных генераторов от 20кВт - до 10мВт, водяных насосов различных типов.

ИП«ULKE» является официальным представителем холдинга ALAGEUM ELECTRIC (Казахстан) и поставляет промышленное электрооборудование от производителя (трансформаторы, КТПН, оборудование для ОРУ и ЗРУ, НВ и ВВ ячейки).

alageum electric



Туркменистан, г. Ашхабад, ул. 2087 (Ага Бердиев) д.163
Тел.: +99312 23 37 28; Факс: +99312 23 14 87; E-mail: ulke_enerji@mail.ru; www.ulke.parahat.info